TÜRKMENISTANYŇ PREZIDENTI SERDAR BERDIMUHAMEDOW:
– MERKEZI AZIÝA SEBITINIŇ WE GERMANIÝANYŇ ARASYNDAKY
YKDYSADY GATNAŞYKLARYŇ ULY GELJEGI BAR.

ZAMAN
INTERNATIONAL MEDIA
TÜRKMENISTAN
20-nji sentýabr, 2024. Belgisi 38/1604




# HYZMATDAŞLYGYŇ TÄZE UGURLARY KESGITLENILDI

***17-nji sentýabrda hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedow Merkezi Aziýa döwletleriniň Baştutanlarynyň Germaniýa Federatiw Respublikasynyň Federal Kansleri Olaf Şols bilen Astanada geçirilen ikinji duşuşygyna gatnaşdy.***

Gazagystan Respublikasynyň Prezidentiniň başlyklyk etmeginde geçirilen sammitiň işine Germaniýa Federatiw Respublikasynyň Federal Kansleri Olaf Şols, Gyrgyz Respublikasynyň Prezidenti Sadyr Žaparow, Täjigistan Respublikasynyň Prezidenti Emomali Rahmon, Özbegistan Respublikasynyň Prezidenti Şawkat Mirziýoýew hem gatnaşdylar.

Prezident Kasym-Žomart Tokaýew belent mertebeli myhmanlary mübärekläp, sebit kooperasiýasyna gatnaşýandygy we goldawy üçin hoşallyk bildirdi. Bellenilişi ýaly, ýokary derejedäki dialogyň yzygiderli, ynanyşmak häsiýetine Merkezi Aziýa döwletleriniň we Germaniýanyň sebitleýin strategik hyzmatdaşlygy hemmetaraplaýyn ösdürmäge gyzyklanma bildirýändikleri hem-de ymtylýandyklary hökmünde baha berilýär. Bu duşuşygymyz bilelikdäki işimiziň jemlerini jemlemek bilen çäklenmän, eýsem, kooperasiýany mundan beýläk-de çuňlaşdyrmagyň täze ýollaryny kesgitlemäge hem gönükdirilendir. Biziň netijeli pikir alyşmalarymyzyň anyk çözgütlere getirjekdigine ynanýaryn. Şol çözgütler bolsa ýurtlarymyzyň ählisine peýda getirer diýip, Gazagystanyň Lideri aýtdy we GFR-niň Federal Kansleri Olaf Şolsa, Merkezi Aziýa döwletleriniň Baştutanlaryna söz berdi.

Hormatly Prezidentimiz ýygnananlara ýüzlenip, ilki bilen, Gazagystanyň Prezidentine myhmansöýerlik we işlemek babatda döredilen ajaýyp şertler üçin minnetdarlyk bildirdi.

Duşuşyga gatnaşyjylaryň ählisiniň gatnaşyklary ösdürmegiň wajypdygyna düşünýändigine, oňa hemmetaraplaýyn döwlet goldawyny bermäge taýýardygyna, hyzmatdaşlygyň berk gurallarynyň ýakynlaşdyrylmagyna çalyşýandygyna şaýatlyk edýän wajyp ähmiýetli waka bolup durýar diýip, döwlet Baştutanymyz aýtdy we sammitiň netijeleriniň biziň gatnaşyklarymyzy pugtalandyrmakda, özara düşünişmegi gazanmakda, anyk ylalaşyklara çykmakda täze, möhüm tapgyry alamatlandyrjakdygyna ynam bildirdi.

Hormatly Prezidentimiz Merkezi Aziýa döwletleri bilen Germaniýanyň gatnaşyklarynyň barşyny we many-mazmunyny häsiýetlendirip, olaryň, aýratyn-da, soňky ýyllarda yzygiderli, netijeli häsiýete eýedigini belläp, hyzmatdaşlygyň tejribesiniň we däpleriniň toplanandygyny, esasan-da, işewürlik ugry boýunça özara bähbitli ikitaraplaýyn hyzmatdaşlygyň ýola goýlandygyny, birnäçe ugurlar boýunça hökümetara gatnaşyklaryň alnyp barylýandygyny aýtdy.

Nygtalyşy ýaly, Türkmenistan sebitde parahatçylygyň, howpsuzlygyň, durnuklylygyň gazanylmagyny we üpjün edilmegini bilelikdäki işimiziň möhüm wezipeleri hasaplaýar.

Biz häzirki şertlerde Merkezi Aziýa ýurtlarynyň we Germaniýanyň arasyndaky has ýakyn syýasy-diplomatik gatnaşyklar sebitdäki we oňa goňşy zolaklardaky umumy ýagdaýa oňyn täsir edip biler diýip hasaplaýarys diýip, hormatly Prezidentimiz aýtdy hem-de ýurtlarymyzyň ýolbaşçylarynyň Merkezi Aziýany parahat, asuda, ykdysady taýdan özüne çekiji sebit, durnuklylygyň we açyklygyň giňişligi hökmünde görmek baradaky meýilleriniň umumylygyndan ugur alyp, tagallalary dünýä bileleşigi, ilkinji nobatda, Birleşen Milletler Guramasy arkaly birleşdirmegiň zerurdygyny nygtady.

Bitarap, parahatçylyk söýüji döwlet hökmünde Türkmenistan üçin şeýle çemeleşme möhüm ähmiýete eýedir. Biz şu maksatlara ýetmäge, şol sanda häzirki formatda oňa hemmetaraplaýyn ýardam bermäge taýýardyrys diýip, döwlet Baştutanymyz aýtdy we şunda halkara terrorçylyga, ekstremizme, neşe serişdeleriniň bikanun dolanyşygyna, serhetýaka jenaýatçylyga garşy göreşmek ýaly meselelere aýratyn ünsi çekmek bilen, Merkezi Aziýa döwletleriniň hem-de Germaniýanyň diplomatik gatnaşyklarynyň güýçlendirilmeginiň maksadalaýyk hasaplanýandygyny belledi.

Halkara derejede, ilkinji nobatda, BMG-niň we onuň degişli edaralarynyň çäklerinde bu ugurlar boýunça işiň anyk ýollarynyň bilelikde kesgitlenilmegi oýlanyşykly hem peýdaly bolar.

Hormatly Prezidentimiz sebitde parahatçylygyň, howpsuzlygyň möhüm meseleleriniň biri bolan Owganystandaky ýagdaýa degip geçmek bilen, Türkmenistanyň bu ýurtdaky ýagdaýa berýän bahasynyň häzirki wagtda owgan halkynyň agyr we köpýyllyk döwri ýeňip geçmek hem-de ykdysadyýetiň, durmuş ulgamynyň döwlet institutlaryny dikeltmek, sebitde parahatçylygy, ylalaşyklylygy, bitewüligi gazanmak we berkarar etmek boýunça umumymilli işe geçmek üçin anyk mümkinçiliginiň peýda bolandygyna esaslanýandygyny aýtdy.

Ykdysadyýet Merkezi Aziýa ýurtlarynyň we Germaniýa Federatiw Respublikasynyň hyzmatdaşlygynyň ileri tutulýan ugrudyr. Bu ulgam, bir tarapdan, sebitiň ýurtlarynda german işewürliginiň berk we durnukly ornuny, beýleki bir tarapdan bolsa, Merkezi Aziýanyň dünýä ykdysadyýetine, maýa goýum işlerine, şol sanda german kompaniýalary bilen gatnaşyklar arkaly oňa çalt we netijeli goşulyşmagyny üpjün etmek arkaly biziň gatnaşyklarymyzyň esasy ugry bolmaga ukyplydyr. Biziň formatymyzdaky ykdysady, söwda, maýa goýum hyzmatdaşlygy oňa gatnaşyjylaryň ählisiniň bähbitlerine laýyk gelýär hem-de ony ösdürmek we giňeltmek üçin oňat mümkinçilikler bar diýip, döwlet Baştutanymyz nygtady hem-de ulag-logistikany, kommunikasiýany, energetikany, senagat önümçiligini, himiýa senagatyny, maşyngurluşygy, saglygy goraýşy we derman senagatyny, obasenagat toplumyny, innowasion tehnologiýalar ulgamyndaky işläp taýýarlamalary hyzmatdaşlygyň esasy ugurlarynyň hatarynda görkezdi.

Merkezi Aziýa sebitiniň we Germaniýanyň arasyndaky ykdysady gatnaşyklaryň uly geljegi bar. Aziýa bilen Ýewropany birleşdirýän sebitiň geografik taýdan amatly ýerleşmegi, onuň giň hem-de köpdürli tebigy serişdeleri, demografik mümkinçilikleri Germaniýanyň senagat we tehnologik derejesi, tejribesi, halkara işewürlik ulgamynda ýola goýlan hyzmatdaşlyk gatnaşyklary bilen birlikde, biziň ýurtlarymyz üçin bilelikde işlemek babatda uly mümkinçilikleri açýar.

Bellenilişi ýaly, Germaniýa Federatiw Respublikasy bilen gatnaşyklarda ekologiýa we howanyň üýtgemegi bilen bagly meseleler aýratyn orun eýeleýär. Bu babatda Türkmenistan Germaniýanyň eýeleýän ornuna, onuň sebitiň ýurtlary bilen hyzmatdaşlyga ygrarlydygyna, degişli taslamalarydyr maksatnamalary ilerletmekde işjeň orny eýeleýändigine ýokary baha berýär.

Şunuň bilen baglylykda, hormatly Prezidentimiz 2020-nji ýylda Berlinde ýokary derejede geçirilen «Ýaşyl» Merkezi Aziýa» atly maslahatyň wajypdygyna ünsi çekdi. Şol maslahatda möhüm meselelere gyzyklanma bildirilip ara alnyp maslahatlaşyldy we bilelikdäki wezipeler kesgitlenildi. Döwlet Baştutanymyz «ýaşyl» mesele boýunça dialogy işjeňleşdirmegi, ony biziň formatymyzyň işiniň aýratyn ugry hökmünde kesgitlemegi hem-de eýýäm ýakyn geljek üçin gatnaşyklaryň anyk meýilnamalaryny işläp taýýarlamaga girişmegi teklip etdi.

Ynsanperwer ulgamdaky hyzmatdaşlyk, adamlaryň arasyndaky gatnaşyklar hemişe döwletara hyzmatdaşlyga oňyn täsir edipdir. Hormatly Prezidentimiziň pikirine görä, häzirki wagtda olar aýratyn zerur bolup durýar we biziň ýurtlarymyzyň raýatlarynyň isleglerine, bähbitlerine laýyk gelmek bilen, halklarymyzyň ýakynlaşmagyna we özara hormat goýmagyna ýardam edýär. Şoňa görä-de, bu ulgam hem zerur bolan döwlet goldawyny almalydyr. Şunuň bilen baglylykda, Merkezi Aziýa bilen Germaniýa Federatiw Respublikasynyň arasynda ýaşlar hyzmatdaşlygyny ösdürmegiň hem-de höweslendirmegiň, giň ugurlar boýunça bilelikdäki çäreleriň meýilnamalarynydyr maksatnamalaryny işläp taýýarlamagyň möhümdigi bellenildi.

Çykyşynyň ahyrynda hormatly Prezidentimiz Gazagystanyň Prezidentine şu duşuşygyň ýokary derejede guralandygy üçin ýene-de bir gezek minnetdarlyk bildirip, Türkmenistanyň bu formatyň çäklerinde ysnyşykly hyzmatdaşlyga taýýardygyny tassyklady.

Duşuşyga gatnaşyjylar Merkezi Aziýa ýurtlarynyň we Germaniýanyň arasyndaky gatnaşyklaryň ýetilen derejesine ýokary baha berip, umumy abadançylygyň, ösüşiň bähbitlerine doly laýyk gelýän hyzmatdaşlygyň köptaraplaýyn formatynyň örän zerurdygyny aýratyn nygtadylar. Taraplar köpasyrlyk dostluk, hoşniýetli goňşuçylyk gatnaşyklaryny, strategik hyzmatdaşlygy hemmetaraplaýyn pugtalandyrmak üçin bilelikdäki tagallalaryň utgaşdyrylmagynyň wajypdygyny belläp, gazanylan ylalaşyklaryň Merkezi Aziýa döwletleriniň hem-de Germaniýa Federatiw Respublikasynyň arasynda deňhukuklylyk, özara bähbitlilik ýörelgeleri esasynda guralýan köptaraplaýyn hyzmatdaşlygyň binýadyny has-da pugtalandyrmaga ýardam etjekdigine ynam bildirdiler.

Soňra Merkezi Aziýa döwletleriniň Baştutanlary we GFR-niň Federal Kansleri Germaniýanyň öňdebaryjy kompaniýalarynyň ýolbaşçylary bilen iş duşuşygyny geçirdiler. Duşuşygyň dowamynda taraplar «ýaşyl» energetika, gaýtadan işleýän we himiýa senagaty, ulag-logistika, saglygy goraýyş, oba hojalygy, ýokary tehnologiýalar ýaly geljegi uly ugurlarda bilelikdäki taslamalary durmuşa geçirmegiň çäklerinde däp bolan hyzmatdaşlygy ösdürmegiň mümkinçilikleri barada pikir alyşdylar.

Döwlet Baştutanymyz iş saparynyň çäklerinde Germaniýanyň Hökümetiniň Baştutany we meşhur nemes kompaniýalarynyň ýolbaşçylary bilen duşuşyklary geçirdi.

## Garaşsyzlyk – baky bagtymyz

Şanlyja günlerden ýurdumyzyň ähli künjeginde uly ruhubelentlik bilen toýlanyljak mukaddes Garaşsyzlygymyzyň şanly 33 ýyllyk baýramyna merjen şäherimiz Aşgabatda hem uludan taýýarlyk görülýär. Paýtagtymyzyň ajaýyp keşbinde mukaddes Garaşsyzlygymyzyň halkymyza peşgeş beren bagtyýarlygy aýdyň şöhlelenýär. Hormatly Prezidentimiziň, Gahryman Arkadagymyzyň taýsyz tagallalary bilen rowaçlanýan ak mermerli paýtagtymyz döwrüň kämil binagärlik sungatyna öwrüldi.



Üstünliklere we rowaçlyklara beslenip dowam edýän «Pähim-paýhas ummany Magtymguly Pyragy» ýylynyň her bir güni şanly senelere, toýdur baýramlara, ýatdan çykmajak taryhy wakalara ulaşýar. Bilşimiz ýaly, şu günler agzybir hem-de zähmetsöýer halkymyz ýurt Garaşsyzlygymyzyň şanly 33 ýyllyk toýuna barýar. Ata-babalarymyzyň asyrlarboýy eden arzuwynyň hasyl bolup, milli senenamamyzda müdimilik orun alan Garaşsyzlyk baýramy ähli raýatlarymyzyň kalplaryna egsilmez buýsanç, gözlerine çäksiz guwanç duýgularyny çaýýar.

Şöhratly taryhyň gatlaryna nazar aýlasak, agzybirlik we jebislik, berkararlyk we döwletlilik pähimdar pederlerimiziň arzuwy bolupdyr. Gahryman Arkadagymyzyň beýik başlangyçlaryny mynasyp dowam edýän hormatly Prezidentimiz döwletlilik ýörelgesini berkarar etdi. Hormatly Prezidentimiziň parasatly baştutanlygynda ýurdumyzda alnyp barylýan işler, ýetilýän belent sepgitler halkymyzyň bagtyýarlygyny üpjün edýär. ■ 2

## Milli demokratiýanyň aýdyň ýoly

**«Garaşsyzlyk biziň şöhratly geçmişimizdir, bagtyýar şu günümizdir, beýik geljegimizdir. Garaşsyzlyk biziň dünýä dolan belent at-abraýymyzdyr hem-de şan-şöhratymyzdyr» diýip nygtaýan Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň pähim-paýhasly baştutanlygynda Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwründe ýurdumyz bedew bady bilen ösüşiň täze belent basgançaklaryna tarap barýar. Häzirki wagtda Garaşsyzlygyň gazananlaryny pugtalandyrmak bilen, tutumly işler**



**dowam etdirilýär. Ata Watanymyzyň alyp barýan hoşniýetli we parahatçylyk söýüji içeri hem-de daşary syýasaty netijesinde halkara abraýy belende galýar. Munuň özi döwletimiziň sebit we dünýä möçberinde alyp barýan ynsanperwer işleriniň ykrarnamasy bolup durýar.**

**Altyn güýzüň ilkinji aýynda beýik döwrümize şan berjek taryhy wakalar biri-birine utgaşýar. Olaryň arasynda mukaddes Garaşsyzlygymyzyň şanly 33 ýyllyk baýramynyň öň ýanynda geçiriljek Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň nobatdaky mejlisi aýratyn orunda durýar. Bu ählihalk forumynda halkymyzyň mynasyp wekilleri bilen geňeşilip, il-ýurt bähbitli çözgütler kabul ediler. Olar bolsa ýurdumyzyň mundan buýana-da okgunly ösmegine, ilatyň abadan we eşretli ýaşamagyna itergi berer.** ■ 2

## Mahabatdan alýan girdejisi artdy

Internet sahypalary barada maglumat taýýarlaýan «Statista» «Google»-yň girdejileri barada maglumat ýaýratdy. Maglumata görä, 2001-nji ýylda «Google» mahabatdan 70 million dollar girdeji gazanypdyr. 22 ýyldan soňra bu görkeziji 237 milliard dollara ýetipdir. Kompaniýanyň mahabat girdejisiniň 68 göterimini ABŞ-dan başga ýurtlardan alýandygy bellenildi. «Google» beýleki gözleg saýtlary bilen deňeşdirilende, 90,4 göterim bazar nyrhy bilen birinji ýerde durýar. Kompaniýa geçen ýyl ABŞ-da 76 milliard dollar girdeji gazanypdyr.



Pandemiýanyň öň ýanynda internet ägirdiniň umumy girdejisi görnetin artypdyr. 2020-nji ýylda 181 milliard dollar girdeji toplan kompaniýa 2021-nji ýylda 256 milliard dollar gazanypdyr.

**Meretgül NAZAROWA,**
*Türkmen döwlet maliýe institutynyň talyby.*

## 10 müň dollar baha kesildi, 1,4 million dollara satyldy

ABŞ-nyň Men ştatyndaky hususy jaýyň üçeginden tapylan kartina auksion arkaly 1,4 million dollara satyldy. Suratyň XVII asyrda çekilendigi anyklandy. Bilermenler eseriň niderlandly suratkeş Rembrandta degişlidigini çaklaýarlar.

Auksion öýi eseri satuwa çykaranda oňa 10-15 müň dollar baha kesdi. Bu bolsa, islendik meşhur suratkeşiň eseriniň başga biri tarapyndan meňzeş ýa-da şoňa öýkünilip döredilen nusgasydygyny, onuň hakyky eseri däldigini aňladýar. Auksion açylan wagty 32 müň 500 dollardan başlan teklip, 1 million 400 müň dollara çykdy.



Bilermenler täze «açylan» eseriň Rembrandta degişlidigi haýsydyr bir auksion ýa-da muzeý tarapyndan ykrar edilen ýagdaýynda onuň bahasynyň 5 million dollara çenli çykyp biljekdigini belleýärler.

**Yslamberdi TYLLANUROW,**
*Türkmen döwlet binagärlik-gurluşyk institutynyň uly mugallymy.*

## Mars daşy «EXPO 2025» sergisinde görkeziler

2000-nji ýylda ýapon alymlary tarapyndan Antarktikadan tapylan daş bölegi «EXPO 2025» sergisinde köpçülige görkeziler. Ýurduň Ykdysadyýet we senagat ministrligi serginiň temasyna laýyklykda kosmosyň we ýaşaýşyň gelip çykyşyny öwrenmäge mümkinçilik berýän stend guruljakdygyny mälim etdi. Bu stendde Ýaponiýanyň Milli polýus barlaglary institutynyň (NIPR) agzalary tarapyndan Antarktikadan tapylan, Marsdan gelendigi anyklanan daş hem görkeziler. Daşyň agramy 13 kilograma, ölçegi 29x22x16 santimetre barabar. Geçirilen barlaglarda bu daşyň düzüminde suw bilen täsirleşme netijesinde emele gelen mineral maddalar tapyldy. Mundan başga-da, sergide 2020-nji ýylda «Hayabusa 2» kosmos gämisi arkaly Rýugu asteroidinden getirilen topragyň köpçülige görkezilmegine garaşylýar.



**Bägül BABAÝEWA,**
*Türkmenistanyň Telekommunikasiýalar we informatika institutynyň talyby.*

## Elektroulaglaryň sany benzinli ulagdan öňe geçdi

Baý nebit-gaz ýataklaryna eýe bolan Norwegiýada elektroulaglar üçin uly ýeňillikler berilýär. Şol sebäpli bu ýurt dünýäde ilat sanyna görä iň köp elektroulag satylýan ýurt hasaplanýar. Ýurtda bu ugurda täze sepgide ýetildi. Norwegiýanyň ýol federasiýasynyň (OFV) maglumatyna görä, ýurtdaky 2,8 million hususy awtoulagyň 754 müň 303-si dolulygyna elektrik energiýasy, 753 müň 905-si benzin ýangyjy bilen işleýär. Şeýlelikde, ýurduň taryhynda ilkinji gezek elektroulaglaryň sany benzin bilen işleýänlerden öňe geçipdir.



Maglumatlara görä, ýurtda 1 million töweregi dizel ýangyçly ulag bolup, häzirki ösüşiň dowam eden ýagdaýynda 2026-njy ýylda olaryň sany elektroulaglaryňkydan az bolar.

**Aýgözel REJEBOWA,**
*Türkmenistanyň Döwlet energetika institutynyň mugallymy.*

## 100 ýaşdan geçenleriň sany artýar

Ýaponiýada 100 ýaşyndan geçen adamlaryň sany 95 müňden geçip, rekord derejä ýetdi. Bir asyrdan köp ýaşanlaryň 90 göterime golaýy zenanlar. Ýaponiýanyň Saglygy goraýyş ministrliginiň maglumatyna görä, ýurtda 83 müň 958 zenan, 11 müň 161 erkek – jemi 95 müň 119 adam ýüz ýa-da ondan hem köp ýaşapdyr. Maglumatlara görä, bu görkeziji geçen ýyldakydan 2 müň 980 adam köpdür. Golaýda bolsa, ýurtdaky 65 ýaşdan ýokary ilatyň sanynyň 36 million 25 müň adam bolup, rekord derejä ýetendigi mälim edilipdi. Bu görkeziji ýurduň ilatynyň 29,3 göterimini emele getirýär. Ýurduň ilaty soňky bir ýylda 595 müň adam azalyp, 124 milliona düşüpdir.



**Bahar AÝDOGDYÝEWA,**
*Magtymguly adyndaky Türkmen döwlet uniwersitetiniň talyby.*

## GARAŞSYZLYK – BAKY BAGTYMYZ

**Başlangyjy 1-nji sahypada.**

Türkmenistanyň Garaşsyzlyk güni milli senenamamyzda aýratyn orun eýeleýär. Halkymyzyň bu senä aýratyn ähmiýet bermegi we dabaraly bellemegi hem ýönelige däldir. Hormatly Prezidentimiziň aýdyşy ýaly, Garaşsyzlyk biziň şöhratly geçmişimizdir, bagtyýar şu günümizdir, beýik geljegimizdir. Garaşsyzlyk biziň dünýä dolan belent at-abraýymyzdyr hem-de şan-şöhratymyzdyr. Şoňa görä-de, biziň mukaddes Garaşsyzlygymyza bolan hormatymyz, söýgimiz, wepalylygymyz ebedidir we egsilmezdir.

Garaşsyzlyk ýyllary içinde durmuşyň ähli ugurlarynda amala aşyrylan beýik işler halkymyzy örän buýsandyrýar. Geçen gysga taryhy döwürde raýatlaryň durmuş-ýaşaýyş derejesi düýpgöter ýokarlandy, ata Watanymyzyň ykdysady kuwwaty artdy, Aşgabat şäheri ak mermerli şäher hökmünde dünýäde uly meşhurlyga eýe boldy, Köpetdagyň taryhy künjeginde Arkadag şäheri bina edildi, obalarymyz, şäherçedir şäherlerimiz döwrebap keşbe girdi. Bu zatlar Garaşsyzlygyň beren miwesidir. Muňa her birimiz buýsanmaga, guwanmaga haklydyrys.

Mundan 33 ýyla golaý wagt ozal dünýä kartasynda peýda bolan Türkmenistan döwletimizi bu gün dünýä tanaýar. Garaşsyzlygyň, özbaşdaklygyň aýdyň ýoluna düşen Türkmenistan döwletimiz syýasy, ykdysady-durmuş we medeni taýdan çalt depginlerde ösdi we özgerdi. Onuň dünýäniň ösen döwletleriniň hataryna goşulmagynda aýgytly ädimler ädildi. Birleşen Milletler Guramasynyň we beýleki halkara guramalarynyň agzasy bolmak bilen, ýurdumyzyň halkara abraýy ýokarlandy.

Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwründe ýurdumyz syýasy, ykdysady-durmuş we medeni taýdan durnukly we sazlaşykly ösüşiň ak ýoluna öňe barýar. Ösen tehnologiýaly önümçilik kuwwatlyklarynyň gurlup, ulanylmaga berilmegi, önümçilige täze tehnologiýalaryň, innowasiýalaryň, sanly ykdysadyýetiň giňden ornaşdyrylmagy ýurdumyzyň ykdysady-durmuş taýdan çalt depginlerde ösdürilmegine itergi berdi.

Eziz Diýarymyzda halk bilen döwletiň jebisligi ähli ösüşleriň, öňegidişlikleriň kepili bolup durýar. Hormatly Prezidentimiz: «Watan diňe halky bilen Watandyr! Döwlet diňe halky bilen döwletdir!» diýip, ilkinji nobatda, halkymyza, onuň agzybirligine we jebisligine, aň-düşünjesine hem-de merdanalygyna bil baglaýar. Bu günki gün ýurdumyz parahatçylygyň mekany hökmünde dünýäde giňden tanalýar. Hormatly



Prezidentimiziň daşary syýasatynyň netijesinde Türkmenistan bilen dünýä döwletleriniň arasynda hyzmatdaşlyk barha berkeýär. Dünýäniň ösen döwletleri bilen özara bähbitli ikitaraplaýyn hem-de köptaraplaýyn gatnaşyklaryň ýola goýulmagy, Watanymyzyň kuwwatynyň halkara derejede pugtalandyrylmagy, ýurtda we dünýäde parahatçylygy, asudalygy, abadançylygy berkitmekde durmuşa geçirilýän işler munuň aýdyň subutnamasydyr. Halkymyz döwletimiziň döreden eşretlerinden peýdalanyp, agzybirlikli zähmet çekmek we Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň daşynda mäkäm jebisleşmek bilen, röwşen geljegine ynamly barýar. Ajaýyp döwürde gazanylýan üstünlikleriň, badalga berilýän tutumlaryň netijesinde Garaşsyz Watanymyzyň abraý-mertebesi has-da artýar.

**Ogulsadap DURDYÝEWA,**
*Myrat Garryýew adyndaky Türkmenistanyň Döwlet lukmançylyk uniwersitetiniň farmakologiýa kafedrasynyň öwreniji mugallymy.*

## SANLY BILIM ULGAMYNY ÖSDÜRMEGIŇ AÝRATYNLYKLARY

Beýik Garaşsyzlygymyzyň 33 ýylynyň dowamynda ýurdumyz asuda, ilimiz agzybir, bazarlarymyz bol, topragymyz bereketli, derýalarymyz joşly, öri meýdanlarymyz agyp-dönüp ýören mally, obadyr şäherlerimiz abadan bolup, halkymyz bagtyýarlygyň hözirini görüp ýaşaýar. Täze ýollar, köçeler gurulýar, gazy, elektrik energiýasyny, arassa agyz suwuny geçirijiler her öýojaga eşret bulagyny akdyrýar. Garaşsyzlyk ýyllarynda çagalar baglarynyň, orta, ýörite orta we ýokary okuw mekdepleriň, lukmançylyk merkezleriniň, teatrlaryň, kitaphanalaryň birnäçesi gurlup ulanmaga berildi.

Hormatly Prezidentimiziň bilim ulgamyny döwrebaplaşdyrmak syýasatynyň çäklerinde onuň maddy-enjamlaýyn, ylmy-usulyýet we okuw-usuly binýady yzygiderli kämilleşdirilýär.



Ýaşlar baradaky aladanyň berkarar döwletimiziň syýasatynda öň hatarda goýulýandygy ýurdumyzda tassyklanan «Türkmenistanda on iki ýyllyk umumy orta bilime geçmegiň Konsepsiýasynyň», «Türkmenistanda sanly bilim ulgamyny ösdürmegiň Konsepsiýasynyň», «Türkmenistanda daşary ýurt dillerini okatmagy kämilleşdirmegiň Konsepsiýasynyň» maksatlaryna we wezipelerine laýyklykda okatmagyň öňdebaryjy usullarynyň, innowasiýa tehnologiýalarynyň bilim we terbiýeçilik işlerinde giňden ulanylýandygynda hem aýdyň ýüze çykýar. Bularyň ählisi ýaş nesle berilýän bilimiň hiliniň ýokary, mazmunynyň baý we döwrebap bolmagyny üpjün etmäge ýardam edýär.

Hormatly Prezidentimiziň bimöçber aladalary netijesinde ýurdumyzda sanly bilim ulgamyna geçmegiň, ýaş nesle berilýän bilimiň hilini dünýä ülňülerine laýyk getirmegiň esasy wezipeleriň biri bolup durýandygy hemmämize mälimdir. Berkarar Watanymyzyň bilim ojaklarynda sanly bilim ulgama geçmek barha giň gerime eýe bolýar. Sanly bilim ulgamyny ösdürmegiň aýratynlyklary bilim işgärleriniň üns merkezindedir. Bilim öwretmegiň ähli ugurlaryny ýokary hilli elektron bilim maglumatlary bilen üpjün etmek, şeýle hem orta we ýokary okuw mekdeplerinde berilýän bilimiň mazmunyny baýlaşdyrmak we hilini ýokarlandyrmak, okatmagyň usulyýetini kämilleşdirmek esasy wezipeleriň hatarynda durýar. Häzirki wagtda bilim ojaklarynda innowasion tehnologiýalaryň ornaşdyrylmagy bilen, ýaşlaryň bilim derejesi barha ýokarlanýar.

1-nji sentýabrda Bilimler we talyp ýaşlar güni mynasybetli ýurdumyzda BMG-niň abraýly düzümi bolan UNICEF-iň gatnaşmagynda Bilim ministrligi bilen bilelikde Arkadag şäheriniň 1-nji mekdebinde robot tehnikasy boýunça täze gurnak açyldy. Gurnagyň maksady amaly bilimler arkaly ylym, tehnologiýa, sungat we matematika dersleri öwrenip, beýleki mekdepler üçin nusga bolmakdyr. Döredilen robot tehnikasy gurnagy sapaklar we amaly bilimleriň ösdürilmegi üçin ähli gerekli tehniki serişdeleri bilen üpjün edilip, bir wagtda 8-12 okuwçynyň bilelikde sapak geçmeklerine mümkinçilik berýär. Türkmenistanyň Bilim ministrliginiň Innowasiýa maglumat merkezi tarapyndan orta mekdepleriň sanly dolandyryş ulgamy bolan «e-Mekdep» ulgamy işläp başlady. Bu ulgam okuwçynyň gündeliginiň elektron görnüşini hödürleýär. Onuň üsti bilen okuwçynyň alan bahasy, okuw sapaklaryna bolan gatnaşygy, okuw sapaklarynyň rejesi, öwrenen temalary, öý işleri, mugallymyň bellikleri we berlen ýumuşlar barada onlaýn usulynda maglumat berýär.

«e-Mekdep» ulgamynda ene-atalara çagalarynyň okuwyna netijeli gözegçilik etmek arkaly olaryň bilimine goldaw bermek üçin örän peýdaly mümkinçilikler bar. Mysal üçin, okuwçynyň okuwa gatnaşygy barada maglumatlar, islendik wagt, işde bolsun ýa-da öýde, hakyky wagt tertibinde, ýagny onlaýn usulynda dessine SMS ýa-da sanly duýduryş görnüşinde «e-Mekdep» mobil goşundy arkaly habarly bolup bilerler.

**Mähri REJEPOWA,**
*Türkmen döwlet binagärlik-gurluşyk institutynyň mugallymy.*

## MILLI DEMOKRATIÝANYŇ AÝDYŇ ÝOLY

**Başlangyjy 1-nji sahypada.**

Garaşsyz, hemişelik Bitarap Türkmenistan Watanymyzda gazanylýan uly ösüşler, ýetilýän belent sepgitler Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwrüniň taryha altyn harplar bilen ýazylmagyny üpjün edýär. Bu ösüşleredir sepgitlere bolsa diňe il agzybirliginiň, ýurt parahatçylygynyň, agzybirlikli hem döredijilikli zähmetiň netijesinde ýetip bolýar. Agzybirligiň, parahatçylygyň, halkyň eşretli durmuşyny üpjün edýän beýik işleriň geljekde hem dowamat-dowam bolmagyny, has-da pugtalanmagyny gazanmakda Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň mejlisleriniň aýratyn uly ähmiýetiniň bardygyny bellemek gerek.

«Pähim-paýhas ummany Magtymguly Pyragy» ýylynyň 24-nji sentýabrynda geçiriljek Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň nobatdaky mejlisi hem bu hakykaty ýene bir ýola subut eder. Döwletimiziň içeri we daşary syýasatyny üstünlikli durmuşa geçirmek boýunça geljekde alnyp barylmaly işler, halkymyzyň ýaşaýyş-durmuş derejesini has-da ýokarlandyrmak ugrunda öňde durýan wezipeler we durmuş-ykdysady ösüşiň esasy meseleleri ara alnyp maslahatlaşyljak mejlis türkmen halkynyň asyrlarboýy dowam edip gelýän demokratik ýörelgeleriniň döwrebap derejede rowaçlyklara beslenýändigini ýene bir ýola görkezer.

Halk Maslahatynyň mejlisinde ýetilen sepgitlere ser salnyp, öňde durýan möhüm wezipeler kesgitleniler. Döwlet ähmiýetli, il-ýurt bähbitli meseleler ara alnyp maslahatlaşylyp, taryhy çözgütler kabul ediler. Ata-babalarymyzyň asyrlaryň dowamynda toplan taryhy tejribesini özünde jemleýän Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň mejlisi halkymyzyň agzybirligini, bitewüligini, jebisligini berkidip, asyrlar aşyp gelýän milli döwletlilik ýörelgelerimizi dabaralandyrmakda uly ähmiýete eýedir.

Halkymyz hemişe-de döwletli işiň başyny tutjak bolanda, il-gününe, ýaşuly nesle geňeş edipdir. Pederlerimizden bize miras galan «Il oňlasa, atyňy soý», «At satsaň, obaňa geňeş», «Geňeşli salamat bolar», «Geňeşli toý uzak gider» ýaly parasatly pähimler hem şol asylly ýörelgeler esasynda döräpdir. Munuň özi agzybirlikden, il-günüňe, birek-birege, ýaşuly nesle goýulýan uly hormat-sarpadan nyşan. Munuň özi türkmen halkynyň Magtymguly Pyragynyň agzybirlik hakyndaky pentlerine, ýörelgelerine uly ähmiýet berilýändiginiň nyşanydyr. Çünki Gahryman Arkadagymyz «Türkmeniň döwletlilik ýörelgesi» atly ajaýyp eserinde: «Agzybirlik Watan galasydyr!» diýip belleýär.

Gahryman Arkadagymyzyň we Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň halka daýanyp, il sylagly ýaşululara sala salyp bitirýän işleriniň guwandyryjy netijelerini islendik pudagyň ösüşiniň mysalynda görmek bolýar. Aýratyn hem il-ulsumyzyň ýaşaýyş-durmuş derejesini, iş we zähmet şertlerini gowulandyrmak ugrundaky beýik özgertmeler uludan-kiçini ruhy galkynyşa, täze zähmet üstünliklerine ruhlandyrýar.

Türkmenistanyň Halk Maslahaty we onuň mejlisleriniň ýokary guramaçylygy jemgyýetimizde demokratik özgertmeleriň, syýasy-durmuş döredijiliginiň hem gatnaşyklarynyň ösüşe eýedigini dabaralandyrýar. Umumymilli forumda halkyň wekilleri bilen döwlet ösüşinde gazanylan üstünlikleriň jemlerine garalmagy, öňde durýan wezipeleriň ara alnyp maslahatlaşylmagy we oňyn netijeleri nazarlaýan kararlaryň kabul edilmegi milli däplerimiziň nusgawy derejede döwrebaplaşandygyny açyp görkezýär. Halk Maslahatynyň çözgütleri berkarar döwletimizi ösüşiň täze belentliklerine ýetirmek üçin beýik maksatlary öňde goýýar. Şol maksatlaryň hasyl bolmagyna bagtyýar ildeşlerimiziň mynasyp goşant goşmagy üçin giň mümkinçilikleri döredýär. Adamyň durmuş abadançylygyny ösüşleriň maksadynda goýýan Garaşsyz, hemişelik Bitarap döwletimiziň parahatçylyk söýüjilik we onuň döredijilik ýörelgelerini, içeri hem-de daşary syýasatynyň ynsanperwerligini dünýä tanadýar. Durnukly ösüşiň maksatlaryna ýetmek ugrundaky hereketleriň üstünliklere nazarlamagyna badalga berýär.

**Çemen KAKYŞOWA,**
*Myrat Garryýew adyndaky Türkmenistanyň Döwlet lukmançylyk uniwersitetiniň diller kafedrasynyň mugallymy.*



## HALK MASLAHATY: ULY ÖSÜŞLERIŇ BUŞLUKÇYSY

Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwründe giň gerimli taslamalar durmuşa geçirilýär, köp gatly döwrebap binalar gurulýar, şäherleri täze ajaýyp künjekler bezeýär, iri ilatly ýerler peýda bolýar, uzak aralyklara, müňlerçe kilometre uzaýan awtobanlar, polat ýollar gurulýar, halkara ähmiýetli ulag düzümi kemala getirilýär. Welaýat merkezleriniň keşbi gözümiziň alnynda özgerýär. Sebitlerde durmuş maksatly desgalar, edara binalary, amatly ýaşaýyş jaýlary, önümçilik kärhanalary yzygiderli ulanmaga berilýär. Garaşsyzlyk ýyllarynda ekologiýa taýdan arassa, energiýa tygşytlaýjy tehnologiýalara, seýilgäh zolaklaryna niýetlenen düzümlere degişli bolan taslamalara aýratyn ähmiýet berilýär. Şunuň bilen bir hatarda ýurdumyzyň ykdysady kuwwatyny pugtalandyrmakda esasy şertleriň biri bolan ýerli çig maldan gurluşyk serişdelerini öndürýän pudaga döwletimiz tarapyndan goldaw berilýär. Toplumlaýyn durmuş-ykdysady maksatnamalaryň çäklerinde ýurdumyzyň ähli künjeginde ýaýbaňlandyrylan giň möçberli gurluşyklar ýokary hilli gurluşyk serişdelerine bolan islegiň ýokarlanmagyny, ýerli çig mallaryň binýadynda olaryň önümçiliginiň ösdürilmegini şertlendirdi. Bu bolsa önümçilik toplumlarynyň kuwwatyny pugtalandyrmaga, ýokary hilli gurluşyk serişdeleriniň, beýleki önümleriň öndürilişiniň möçberini artdyrmaga gönüden-göni ýardam edýär.

Bu günki günde gurmak we döretmek Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwrüniň şygaryna öwrülýär. Kabul edilýän milli maksatnamalar ýurdumyzda geçirilýän ykdysady özgertmeleriň netijeliligini işläp düzmäge ulgamlaýyn çemeleşilmegini üpjün edýär. Giň gerimde durmuşa geçirilýän ykdysadyýeti senagatlaşdyrmak syýasaty täze iş orunlarynyň sanynyň artmagyna, ýurduň senagat kuwwatynyň pugtalandyrylmagyna gönüden-göni täsir edýär. Şol bir wagtda bu maksatnamalaryň durmuşa geçirilmegi ykdysadyýeti çig mal öndürýän ugurdan ýokary tehnologiýalar senagatyna daýanýan innowasion ugra öwürmäge mümkinçilikleri açýar.

«Pähim-paýhas ummany Magtymguly Pyragy» ýylynyň her güni bizi jemgyýetimiziň durmuşynda bolup geçjek möhüm waka — Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň nobatdaky mejlisine ýakynlaşdyrýar. Demokratik, hukuk we dünýewi döwletimizde halk häkimiýetini amala aşyrmakda, ýurdumyzyň durnukly durmuş-ykdysady ösüşini, türkmen halkynyň bagtyýar, abadan durmuşyny üpjün etmekde ýokary wekilçilikli edara bolan Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň işi iňňän uly ähmiýete eýedir.

Bilşimiz ýaly, Arkadagly Gahryman Serdarymyz şu ýylyň 12-nji iýulynda geçiren Türkmenistanyň Ministrler Kabinetiniň giňişleýin mejlisinde mukaddes Garaşsyzlygymyzyň 33 ýyllygynyň baýramynyň bellenilýän günlerinde Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň nobatdaky mejlisiniň geçiriljekdigini aýdyp, bu möhüm waka häzirden düýpli taýýarlyk görmegiň zerurdygyny nygtady. Şunuň bilen baglylykda, Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň Prezidiumynyň kabul eden kararyna laýyklykda, Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň nobatdaky mejlisini ak şäherimiz Aşgabatdaky Maslahat köşgünde şu ýylyň 24-nji sentýabrynda geçirmek bellenildi.

Umumymilli forum jemgyýetimiziň durmuşynda taryhy waka bolmak bilen, onda döwlet ähmiýetli, il-gün bähbitli wajyp meseleler ara alnyp maslahatlaşylar. Garaşsyz, hemişelik Bitarap Türkmenistan döwletimiziň mundan beýläk-de gülläp ösmegine gönükdirilen möhüm çözgütler kabul ediler. Görnüşi ýaly, halk bilen döwletiň bähbitleriniň bitewüligi we sazlaşygy Türkmenistan Watanymyzyň ähli ugurlar boýunça depginli ösüşini, döwletimiziň halkara abraýynyň has-da artmagyny, halkymyzyň bagtyýar, abadan durmuşyny şertlendirýär. Ýeri gelende aýtsak, bu ugurlarda ýetilýän belent sepgitleriň guwançly netijeleri bolsa, her bir raýatyň durmuşynda özüniň beýanyny tapýar.

Berkarar döwletimizde şöhratly pederlerimiziň köpasyrlyk durmuş tejribelerine daýanylyp, halkyň, döwletiň durmuşyna dahylly meseleleriň halk köpçüligi bilen bilelikde çözülmegi milli ýörelgelerimiziň biri hökmünde Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň işinde öz beýanyny tapýar. Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň mejlisiniň her ýyl Garaşsyzlyk baýramynyň öňüsyrasynda geçirilmegi-de ýöne ýerden däldir. Çünki naýbaşy baýramymyzyň bellenilýän günlerinde eziz Diýarymyzda ähli pudaklar boýunça ýetilen sepgitlere nazar aýlamak, il-halk bilen bilelikde maslahatlaşyp, geljek üçin anyk çözgütleri kabul etmek durnukly ösüşi saklamaga esas döredýär.

Halk Maslahatynyň mejlisleri, sözüň doly manysynda, bagtyýar watandaşlarymyzyň arzuw-islegleriniň hasyl bolýan mekany. Biz muňa geçen ýyllardaky taryhy mejlislerde hem şaýat bolduk. Şeýle bolansoň, bagtyýar watandaşlarymyz Halk Maslahatynyň her bir mejlisine sabyrsyzlyk bilen garaşýarlar. Şu ýylky mejlisiň hem il-günüň bagtyýar ýaşaýşynyň hatyrasyna kabul ediljek çözgütlere baý boljakdygyny ynamly aýdyp bolar.

**Güneş BÄŞIMOWA,**
*Ýagşygeldi Kakaýew adyndaky Halkara nebit we gaz uniwersitetiniň mugallymy.*

## ARKADAG ŞÄHERI DÜNÝÄ ÝAŇ SALÝAR

Türkmen halky ýurdumyzyň Garaşsyzlygynyň şanly 33 ýyllyk baýramyny ýokary ruhubelentlikde garşylamaga taýýarlanýar. Soňky ýyllarynda Garaşsyz, hemişelik Bitarap Türkmenistan Watanymyzda türkmen halkynyň Milli Lideri Gahryman Arkadagymyzyň binýadyny goýan beýik işlerini Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwründe täze üstünliklere besläp dowam etdirýän Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň baştutanlygynda giň gerimli özgertmeler durmuşa geçirilýär.

Döwlet Baştutanymyzyň belläp geçişi ýaly, «Köpetdagyň gözel künjeginde ak binalary lowurdap duran şäheriň peýda bolmagy türkmen halkynyň Milli Lideri Gahryman Arkadagymyzyň jöwher paýhasynyň gudratydyr». Ine, şu günki günde sebitiň ilkinji «akylly» şäheri bolan Arkadag şäheriniň at-owazasy dünýä dolýar. Munuň şeýledigini golaýda Koreýa Respublikasynda geçirilen halkara forumda Arkadag şäherine berlen baýraklardan hem görmek bolar.

Ýurdumyzyň wekiliýeti ýakynda «World Smart City Expo» atly halkara sergä gatnaşmak hem-de lukmançylyk klasterini amala aşyrmak üçin zerur bolan, Koreýa Respublikasynyň lukmançylykda ulanylýan serişdeleriniň öndürijileri bilen duşuşmak we degişli zawodlaryň işleri bilen ýerinde tanyşmak maksady bilen, bu ýurduň Seul şäherinde gulluk iş saparynda bolup, onuň çäklerinde sergä gatnaşyjylary Arkadag şäherine bagyşlanan sergi bölümi bilen tanyşdyrdylar. Netijede bolsa, ýurdumyzyň «akylly» şäheri üç sany baýraga mynasyp bolup, bu şatlykly waka her bir türkmenistanly raýatyň kalbyny egsilmez buýsanja besledi.

Jemi 116 pawilýony, 60-dan gowrak ýurduň wekillerini özünde jemlän «World Smart City Expo» sergisinde degişli baýraklar sergä gatnaşyjylaryň arasynda aýry-aýry ugurlar boýunça has tapawutlanan daşary ýurt we milli şäherlere hem-de kompaniýalara berildi. Arkadag şäherine «Iň tapawutlanan «akylly» şäher», «Daşary ýurt «akylly» şäheri», «World Smart City Expo 2024» halkara sergisine goşan uly goşandy üçin» atly üç sany baýragyň gowşurylmagy, özem «Iň tapawutlanan «akylly» şäher» diýen baýrak bilen diňe biziň ajaýyp Arkadag şäherimiziň sylaglanmagy buýsanjyňa buýsanç goşýan taryhy we şanly wakadyr.



Sanly ulgamyň mümkinçilikleri we täze tehnologiýalar bilen birkemsiz üpjün edilen sebitdäki ilkinji «akylly» şäheriň kemala gelmegi «Döwlet adam üçindir!», «Watan diňe halky bilen Watandyr! Döwlet diňe halky bilen döwletdir!» diýen baş ýörelgelerimiziň rowaçlyklara beslenýändiginiň aýdyň subutnamasydyr.

Abraýly ykrarnamalaryň baş baýramymyzyň öňüsyrasynda berilmegi has-da göwün göterijidir. Mundan bir ýyl gowrak ozal birinji tapgyry açylyp, ulanylmaga berlen gününde hem halkara derejeli güwänamalaryň birnäçesine mynasyp bolan «akylly» şäher barha ösýär, barha giňeýär. Şol bir wagtyň özünde onuň halkara giňişlikdäki abraýy hem barha beýgelýär. Ýurdumyza gelen her bir myhmanyň ilki bilen baryp görmek isleýän ýerleriniň birine öwrülen şäher geljekde has güllär, has gözelleşer.

Ähli babatda nusgalyk Arkadag şäheri şäher gurluşygynyň milli nusgasy bolup, dünýä binagärliginiň öňdebaryjy gazananlaryny we tehniki üstünlikleri özünde jemleýär. Dünýä ýaň salýan Arkadag şäheri ýurdumyzyň ykdysady kuwwatynyň barha artýandygyny hem-de ata Watanymyzyň bagtly ýaşaýşyň mekanydygyny görkezýär. Arkadag şäheri bagtyýarlygyň hem-de rowaçlygyň mekanyna öwrüldi. Gysga wagtda bu ajaýyp şäheriň at-abraýy, şan-şöhraty äleme ýaýyldy. Bularyň ählisi hem Gahryman Arkadagymyzyň beýik işleriniň we hormatly Prezidentimiziň döwür bilen aýakdaş durmuşa geçirýän oýlanyşykly döwlet syýasatynyň netijesidir.

**Hallygözel NURBERDIÝEWA,**
*Türkmenistanyň Inžener-tehniki we ulag kommunikasiýalary institutynyň talyby.*



## HUSUSY PUDAGYŇ ILKINJI KOSMOS «ÝÖRIŞI»

Kosmos bekedinde ýa-da gämisinde iş alyp barýan kosmonawtlaryň dürli sebäpler bilen açyk asmana çykmaklaryna «kosmos ýörişi» diýilýär. Golaýda hususy eýeçilige degişli kosmos gämisinde ilkinji kosmos «ýörişi» amala aşyryldy. «SpaceX» kompaniýasynyň «Polaris Dawn» atly missiýasynyň çäklerinde 4 adam Ýeriň orbitasyna çykaryldy. Bu missiýany amerikan işewüri, milliarder Jared Aýzekman maliýeleşdirdi. 10-njy sentýabrda işewüriň ýany bilen uçarman Skott Potit, «SpaceX» kompaniýasynyň inženerleri Anna Menon bilen Sara Gillis hem kosmosa gitdi. Bu topar «Dragon» kosmos gämisi bilen 732 kilometr belentlige çykdylar. Kosmosda 5 güne golaý bolan astronawtlar dürli tejribeleri geçirdiler. Syýahatyň dowamynda ilki Aýzekman, soňra Gillis kosmos gämisiniň daşyna çykdylar.

**Selbi ÖWLÝÄGULYÝEWA,**
*Türkmenistanyň Telekommunikasiýalar we informatika institutynyň talyby.*

ZAMAN TÜRKMENISTAN

ESASLANDYRYJYSY – «ZAMAN–TÜRKMENISTAN» HOJALYK JEMGYÝETI

Sentýabr aýynyň 20-si, 2024
Gazetiň möçberi 8 sahypa. A-114800
Belgisi: 38/1604
Tiražy: 9047
Bahasy: 4,50 manat

BAŞ REDAKTOR **MYRATDURDY GARJANOW**
JOGAPKÄR KÄTIP **AMANMYRAT BAÝMYRADOW**

BIZIŇ SALGYMYZ: Aşgabat şäheri, 1908 (Gündogar) köçesi, 10-A jaýy.
Tel/Faks: 28-14-05, 28-14-36
web sahypa: www.zamanturkmenistan.com.tm
e-poçta: info.zamanturkmenistan@gmail.com, zamanturkmenistan@sanly.tm

**BELLIK:** Redaksiýamyza gelen hatlar yzyna gaýtarylmaýar. Gazetimizde ýerleşdirilen mahabatlardaky ýazgylaryň mazmunyna mahabat beriji jogapkärdir. Gazet Türkmen döwlet neşirýat gullugynyň Metbugat merkezinde ofset usulynda çap edildi. Çap edilişiniň hiline Metbugat merkezi jogap berýär. Telefony: 399536.

Abuna ýazylmak isleýänler üçin gazetiň indeksi: 69477

Gazetiň PDF nusgasyny QR kod arkaly elektron görnüşde okap bilersiňiz!

# PREMÝER-MINISTR WEZIPESINE 9 DALAŞGÄR

**Ýaponiýanyň häzirki Premýer-ministri Fumio Kisidanyň ýerine Liberal-demokratik partiýasynyň (LDP) täze başlygyny saýlamak boýunça kampaniýalar resmi taýdan başlandy. 1972-nji ýyldan bäri ilkinji gezek maslahat beriş ulgamy ornaşdyrylandan soň, 9 dalaşgär, şol sanda, iki zenan bu wezipä dalaş edýär. Dalaşgärleriň sanynyň köpelmegi partiýa fraksiýalarynyň ýatyrylmagy bilen baglanyşyklydyr.**

**Saýlawlardan öňki çekişmeleriň esasy mowzugy syýasy özgertmeler we partiýanyň täzelenmegi boldy. Täze dolandyryjy partiýanyň liderligine saýlawlar 27-nji sentýabrda geçiriler we ýeňijiniň Ýaponiýanyň täze Premýer-ministri bolmagyna garaşylýar.**



**Saýlawlarda jemi 734 ses – parlament agzalarynyň 367 sesi, partiýa agzalarynyň we olaryň tarapdarlarynyň hem 367 sesi sanalar. Eger-de birinji tapgyrda hiç bir dalaşgär absolýut köplügi gazanyp bilmese, ilkinji iki dalaşgär ikinji tapgyra çykar, bu ýerde her sebitiň partiýasy öz agzalarynyň we tarapdarlarynyň adyndan bir ses alar.**

**Hökümet täze Premýer-ministri tassyklamak üçin 1-nji oktýabrda parlamentiň nobatdan daşary mejlisini geçirmegi meýilleşdirýär. Şeýle hem 27-nji oktýabrda parlamentiň aşaky palatasyna möhletinden öňki saýlawlary geçirmek mümkinçiligi ara alnyp maslahatlaşylýar.**

**Häzirki Premýer-ministr Fumio Kisida öňde boljak saýlawlarda dalaşgär bolup bilmejekdigini we hökümet Başlygy wezipesinden çekiljekdigini mälim etdi. Ozalky daşary işler ministri Fumio Kisida 2021-nji ýylyň sentýabr aýynda Ýaponiýanyň dolandyryjy Liberal-demokratik partiýasynyň (LDP) täze başlygy wezipesine saýlanypdy.**

# BRICS-iň sammiti geçiriler

Oktýabr aýynyň ahyrynda Kazanda guraljak BRICS-iň sammitine 20 müňe golaý adamyň gatnaşmagyna garaşylýar. Bu barada Kazanyň şäher häkimliginiň metbugat gullugy habar berdi.

«BRICS sammitine daşary ýurtlardan çagyrylan 36 lideriň 18-si sammite gatnaşmakçydygyny tassyklady» diýlip, beýanatda bellenilýär. Mundan başga-da, döwlet Baştutanlary bilen geljek wekiliýetlerden başga-da žurnalistleriň, tehniki işgärleriň, hukuk goraýjy edaralaryň işgärleriniň we meýletinçileriň gelmegine garaşylýar.

Kazanda olaryň ýerleşmegi üçin 54 myhmanhana bölünip berildi, olaryň käbirinde halkara ülňülerine laýyklykda, abatlaýyş işleri geçirildi. BRICS-iň sammiti 22-24-nji oktýabr aralygynda Kazanda geçiriler.

BRICS 2006-njy ýylda Russiýanyň, Braziliýanyň, Hindistanyň we Hytaýyň tagallasy bilen döredildi. 2011-nji ýylda Günorta Afrika Respublikasy birleşige goşuldy, 2024-nji ýylda Eýran, Müsür, Birleşen Arap Emirlikleri, Efiopiýa we Saud Arabystany goşuldy. Birnäçe ýurduň BRICS-de synçy derejesi bar.

**BRICS-iň işine 34 ýurt goşulmakçy**

► Häzirki wagtda eýýäm 34 ýurt BRICS-iň işine haýsy hem bolsa bir görnüşde goşulmak isleýändigini mälim etdi. Bu barada Russiýanyň Prezidenti Wladimir Putin BRICS ýurtlarynyň howpsuzlyk meselelerine jogapkär ýokary wekilleri bilen duşuşygynda aýtdy.

– Biz BRICS-e köp ýurduň artýan gyzyklanmasyny ünsden düşürip bilmeris. Häzirki wagtda 30-dan gowrak ýurt, has takygy, 34 döwlet birleşigimiziň işine haýsy hem bolsa bir görnüşde goşulmak isleýändigini mälim etdi – diýip, Russiýanyň Lideri belledi.

Putin şu ýyl BRICS-iň häzirki başlygy hökmünde Russiýanyň birleşigiň çäginde bilelikdäki işleri




guramak meselesine uly jogapkärçilik bilen çemeleşýändigini aýtdy.

– Biziň başlyklygymyza aýratyn tabşyryk ýüklenip, ol BRICS-iň mehanizmlerine täze gatnaşýan ýurtlara mümkin boldugyça çalt kömek etmekden ybaratdyr – diýip, ol sözüniň üstüne goşdy.

Putiniň aýtmagyna görä, ýurtlaryň BRICS-e gatnaşmaga bolan gyzyklanmasynyň artmagy bilen baglanyşykly Kazanda tassyklanjak hyzmatdaş döwletleriň täze kategoriýasynyň maksada laýykdygy barada maslahat geçirildi. Şeýle hem Putin şeýle derejä dalaşgärleriň birnäçesini kabul etmek baradaky meýilnamasyny yglan etdi.

## DÜNÝÄ TÄZELIKLERI

gysga setirlerde

► **Indiki oýunlar Gyrgyzystanda geçiriler.** 2026-njy ýylda Çarwadarlaryň VI Bütindünýä oýunlaryny Gyrgyzystan kabul eder. Bu barada ýurduň Medeniýet, maglumat, sport we ýaşlar syýasaty ministri Altynbek Maksutow habar berdi. Gyrgyzystan Çarwadarlaryň bütindünýä oýunlaryny geçirmek başlangyjy bilen çykyş eden ýurtdur.



► **Ruzwelte ýazylan hat.** Fizik alym Albert Eýnşteýniň Amerikanyň 32-nji Prezidenti Franklin Ruzwelte ýazan haty auksionda 3,992 million dollara satyldy. Hat iki nusgada 1939-njy ýylyň 2-nji awgustynda ýazylypdyr. Bu hat Ruzweltiň Nýu-Ýorkdaky Prezident kitaphanasynda we muzeýinde saklanýar.



► **Ýelizawetanyň ýadygärligi gurlar.** Londonyň Sent-Jeýms seýilgähinde Şa zenan Ýelizaweta II hormatyna ýadygärlik gurmak meýilnamalary tassyklandy. Heýkeltaraşlardan teklipler şu ýylyň ahyrynda kabul edilip başlanar. Ahyrky taslama 2026-njy ýylda, Şa zenanyň doglan gününiň 100 ýyllygyna çenli tassyklanar.



► **Mask ilkinji trillioner bolup biler.** Amerikaly telekeçi, «Tesla», «SpaceX» we X kompaniýalarynyň ýolbaşçysy Ilon Mask 2027-nji ýyla çenli dünýäde ilkinji trillioner bolup biler. Bu barada «Informa Connect Academy» toparynyň hasabatynda aýdylýar. Häzirki wagtda Mask 251 milliard dollar baýlygy bilen öňdeligi eýeleýär.



► **Dinozawryň täze görnüşi tapyldy.** Ispaniýaly paleontologlar zauropod dinozawrynyň täze görnüşiniň süňklerini tapdylar. Kuenka şäherinden tapylan görnüş «Qunkasaura pintiquiniestra» ýa-da kunkazawr diýlip atlandyryldy. Täze açyş zauropodlaryň hek döwründe Pireneý ýarym adasynda ýaşandygyny tassyklaýar.



► **Indiki Olimpiada çenli galdyrylar.** Parižddäki oýunlardan öň Eýfel diňine dakylan Olimpiýa halkalary hem-de Triumf arkasynda ýerleşýän Paralimpiýa hereketiniň nyşany agitos 2028-nji ýylda Los-Anjelesde geçiriljek indiki Olimpiada çenli we belki-de ondan soň hem ýerlerinde galyp biler. Bu barada Parižiň häkimi Ann Idalgo aýtdy.



► **Geljegiň kafesi açyldy.** Keniýanyň paýtagty Naýrobide Gündogar Afrikada ilkinji robot ofisiantly kafe açyldy. «Robot Cafe» adyny alan bu ýer, esasan hem, çagaly maşgalalaryň arasynda meşhurlyk gazanyp ýetişdi. Kafede işleýän dört robot ofisiant sargytlary degişli adamlara eltip berýärler. Bu Naýrobiniň restoran senagatynda täzelikdir.



► **Synag uçuşlaryna taýýarlanýar.** «EasyJet» awiakompaniýasy «JetZero» startapy bilen hyzmatdaşlykda wodorod bilen işleýän uçary döretdiler. Kömürturşy gazynyň zyňyndylaryny azaltmaga niýetlenen uçar 2030-njy ýyla çenli täjirçilik işine başlap biler. Uçar, guýruk ganatynyň aýrylmagy bilen garşylygyň we agramyň ep-esli azaldylmagyny üpjün edýär.



► **Awçylar uly alligatory tutdular.** Missisipi ştatynda (ABŞ) awçylar uzynlygy 4,27 metr, agramy 363,78 kilogram bolan alligatory tutdular. Äpet süýrenijini Ýazu derýasyndan alty awçy bolup tutdular. Awçylar alligatoryň etiniň esli bölegini «Hunter Harvest» haýyr-sahawat guramasyna bagyşladylar.



► **Milli galereýa 200 ýyllygyny belleýär.** 14-nji sentýabrda Londonda Milli galereýanyň 200 ýyllygyna bagyşlanan «Wan Gog: Şahyrlar we aşyklar» atly sergi açyldy. Dünýäniň çar künjeginden ýygnalan suratkeşiň işleriniň käbiri seýrek duş gelýänligi bilen tapawutlanýar. Sergi 2025-nji ýylyň 19-njy ýanwaryna çenli dowam eder.



# Bukeriň gysga sanawy

2024-nji ýylyň Buker baýragynyň gysga sanawy mälim edildi. Gysga sanawda alty ýazyjy bar: Reýçel Kuşner «Ýaradylyş köli», Ýael wan der Wuden «Sakçy», Samanta Harwi «Mekan», Enn Maýkls «Held», Şarlotte Wud «Daş howludaky dileg» we Persiwal Ewerett (Jeýms).



Gysga sanawa giren her bir ýazyjy 2 müň 500 funt sterling, ýeňiji bolsa 50 müň funt sterling alar. Dünýäniň islendik ýurdunyň awtorlary tarapyndan iňlis dilinde ýazylan we Beýik Britaniýada ýa-da Irlandiýada neşir edilen çeper eser abraýly baýraga dalaş edip bilýär. 2024-nji ýylyň Buker baýragynyň gowşuryluş dabarasy 12-nji noýabrda geçiriler.

# TÄZE DÜZÜMINI IŞE BAŞLATMAKÇY

Ýewropa Komissiýasynyň başlygy Ursula fon der Lýaýen, Ýewropa komissarlygyna dalaşgärleriň tassyklanmagynyň gijä galandygyna garamazdan, Ýewropa Bileleşiginiň täzelenen ýerine ýetiriji organynyň işe başlamagynyň senesiniň 1-nji noýabrda boljakdygyny öňe sürdi. Bu barada «Politico» neşiri habar berýär.

Ursula fon der Lýaýen gender deňagramlylygyny saklamak maksady bilen käbir ýurtlaryň ýewrokomissarlyga dalaşgärlerini üýtgetmegini haýyş etdi. Şonuň üçin olaryň soňky sanawy entek taýýar däl.

Ýewropa komissarlaryna dalaşgärleriň Ýewropa Parlamentindäki diňlenişigi 4-12-nji noýabr aralygynda geçirilip, Ýewropa Komissiýasynyň täze düzüminiň 1-nji dekabrda işe başlajakdygy çak edilýär. Ýöne fon der Lýaýen Ýewropa Parlamentiniň öňki tertipnamasyna gaýdyp gelmelidigini we oktýabr aýynda diňlenişik geçirilmelidigini öňe sürýär.



Bilermenleriň aýtmagyna görä, Ýewropa Komissiýasynyň başlygy ABŞ-da geçiriljek Prezident saýlawlaryndan öň organyň işe başlamagyny maksat edinýär. Çünki Ýewropa Bileleşigi ABŞ-da geçiriljek Prezident saýlawlaryndan soň täze topar bilen hyzmatdaşlygy ýola goýmak üçin taýynlyk görüp, geosyýasatda talabalaýyk rol oýnamaga mümkinçilik döretmeli.

Ýewropa Bileleşiginiň ikinji bäş ýyllyk başlyklygyna saýlanan Ursula fon der Lýaýen häzirki wagtda Ýewropa Komissiýasynyň täze düzümini döredýär. Ýewropa Bileleşiginiň her bir ýurdy Ýewropa Komissary wezipesine öz dalaşgärini hödürlemeli.

# 100 ýyldan soň satyldy

Daniýaly işewür Lars Emil Bruunyň goýup giden mirasy 100 ýyldan soňra satyldy. Işewür 1923-nji ýylda aradan çykmazdan ozal, ömrüniň dowamynda ýygnan, bahasy 1 million dollara barabar bolan mirasynyň 100 ýyldan soňra satylmagyny wesýet edipdir. Şeýlelikde, onuň agtyk-çowluklary kolleksiýanyň birinji bölegini satuwa çykardy. Şaýylyk pullardan, banknotlardan we altyn medallardan ybarat bolan kolleksiýa 16,5 million dollara satyldy.



Bruun kolleksiýasynyň Daniýanyň milli kolleksiýasynda gazna hökmünde saklanmagyny we 100 ýyla çenli satylmagynyň çäklendirilmegini, ondan soňra agtyk-çowluklaryna bähbitli bolan ýagdaýynda, satylmagyny wesýet edipdir. Onuň kolleksiýasynda jemi 20 müň sany gymmatly zat bar. «Stack's Bowers'a» auksion öýi tarapyndan hödürlenen taryhy gymmaty bolan zatlar 14,82 million ýewro satyldy.

# Hyzmatdaşlyk jarnamasyna gol çekdiler

Germaniýanyň Kansleri Olaf Şols Özbegistanyň Prezidenti Şawkat Mirziýoýew bilen Merkezi Aziýa üç günlük saparynyň ilkinji gününde migrasiýa barada ikitaraplaýyn şertnama gol çekdi. 15-nji sentýabrda Samarkantda gol çekilen şertnama, ilkinji nobatda, saglygy goraýyş we bilim pudagyndaky hünärmenleriň, ýagny hünärli işgärleriň Özbegistandan Germaniýa barmagynyň tertibini aňsatlaşdyrmaga niýetlenendir.

Kansler Olaf Şols Samarkantda gol çekilen şertnamanyň Germaniýanyň beýleki döwletler bilen baglaşmak isleýän şuňa meňzeş şertnamalary üçin nusga bolup durýandygyny aýtdy. Synçylaryň pikiriçe, ikitaraplaýyn şertnamalar koalisiýa hökümetiniň migrasiýa syýasatynyň esasy bölegidir. Mundan öň Germaniýa Gruziýa, Hindistan, Kolumbiýa we Marokko bilen şuňa meňzeş şertnamalara gol çekdi.

Özbegistanyň Prezidenti Şawkat Mirziýoýew bilen Germaniýanyň Kansleri Olaf Şolsuň arasynda gazanylan bu ylalaşykdan soň, başga-da birnäçe ikitaraplaýyn şertnamalara gol çekildi. Mirziýoýew we Şols gepleşikleriň barşynda Daşary işler ministrliklerine mümkin boldugyça özbek-nemes gatnaşyklaryny mundan beýläkde ösdürmegi, halkara we sebit meseleleri, şol sanda Owganystandaky ýagdaýlar boýunça yzygiderli geňeşmeler geçirmegi tabşyrdy.

Hususan-da, taraplaryň arasynda weterinariýa we maldarçylyk pudagyndaky hyzmatdaşlyk barada hökümetara jarnama hem-de «Ýaşyl Merkezi Aziýa» başlangyjynyň çäginde suw gorlaryndan durnukly peýdalanmak barada bilelikdäki jarnama gol çekildi. Şeýle-de, taraplar möhüm minerallar pudagyndaky hyzmatdaşlyk barada bilelikdäki jarnama, ulag pudagyndaky hyzmatdaşlyk baradaky şertnama we Pariž şertnamasynyň çäginde howanyň üýtgemegi boýunça hyzmatdaşlyk baradaky Ähtnama gol çekdiler. Mundan başga-da, 2024-2026-njy ýyllar üçin Tehnologiýa we senagat hyzmatdaşlygy maksatnamasy kabul edildi hem-de Özbegistanyň we



Germaniýanyň öňdebaryjy kärhanalarynyň derejesinde ylalaşyklar we şertnamalar toplumy baglaşyldy.

Olaf Şols 15-16-njy sentýabrda Mirziýoýewiň çakylygy boýunça iki günlük resmi sapar bilen Özbegistanda boldy. 17-nji sentýabrda Gazagystanyň paýtagty Astanada Merkezi Aziýa ýurtlarynyň döwlet Baştutanlarynyň we Germaniýa Federatiw Respublikasynyň Federal Kansleriniň ikinji duşuşygy geçirildi. Germaniýanyň Kansleri bu ýerde Merkezi Aziýanyň 5 ýurdunyň Liderleriniň gatnaşmagynda guralan «Merkezi Aziýa-Germaniýa» duşuşygyna gatnaşdy.

# «Çane-6» Lagranž nokadyna ýetdi

**Ilkinji gezek Aýyň arka tarapyndan Ýere nusgalary ugradan Hytaýyň «Çane-6» missiýasynyň orbital enjamy Gün-Ýer ulgamynyň ikinji Lagranž nokadyna (L2) ýetdi. Nusgalary Ýere iberenden soň, orbital enjam planetamyzyň atmosferasyna gaýtadan girmezlik üçin hereketlendirijilerini işletdi we täze traýektoriýa arkaly uçuşyny dowam etdirdi. «Space News» neşiriniň maglumatlaryna görä, bu uçuş Hytaý Halk Respublikasynyň geljekki kosmos missiýalaryny taýýarlamakda, mysal üçin, 2028-nji ýylda ekzoplanetalary gözlemek üçin meýilleşdirilýän «Ýer 2.0» obserwatoriýasyny işe girizmekde aýratyn ähmiýete eýe bolup biler.**

**«Lagranž L2» nokady Ýerden iň az päsgelçilik bilen kosmos çuňlugyna yzygiderli gözegçilik etmäge mümkinçilik berýän durnukly gözegçilik şertlerini üpjün edýär. Jeýms Webbiň adyny göterýän teleskop hem şol sebitde ulanylýar.**

**«Çane 6»-nyň kamera arkaly gözegçilikleri geçirmegine we ýerüsti stansiýalar bilen aragatnaşyk saklamagyna garaşylýar. Apparatyň soňra ýerini üýtgetmek meselesi çynlakaýlygyna galyp, bu mesele möhleti uzaldylan missiýalardan soň galjak ýangyjyň mukdaryna baglydyr.**



# Maýa goýumlarynyň mukdary artýar

**Owganystanyň Magdan senagaty ministrligi soňky üç ýylda 200-den gowrak kiçi we iri kompaniýa bilen magdan gazyp almak boýunça şertnamalara gol çekilendigini habar berdi. Ministrligiň maglumatlaryna görä, ýurduň welaýatlaryndan peýdaly magdanlary gazyp almak boýunça 30 töweregi şertnama baglaşylyp, gurşun, sink, demir, kömür we beýleki magdanlary gazyp almaga maýa goýumlarynyň mukdary 7 milliard dollara deň boldy.**

**«Bu şertnamalar pudakda 150 müňden gowrak adamy iş bilen üpjün etdi» diýip, «TOLOnews» web saýty habar berdi. Käbir ykdysady bilermenler standartlaşdyrylan içerki gazylyp alynýan peýdaly magdanlar Owganystanyň ykdysady ösüşi üçin peýdaly boljakdygyny aýdýarlar.**

**Şeýle hem hytaýly maýadarlar bilen Kaşkari ýatagynda nebit, Tahar welaýatynda altyn çykarmak we Logar welaýatynyň Mes-Aýnak magdanyndan mis almak boýunça şertnama baglaşylyp, maýa goýumlarynyň mukdary bir milliard dollardan gowrak boldy.**



## TARYHDA ŞU GÜN

**1946-njy ýylyň 20-nji sentýabrynda Fransiýada ilkinji gezek Kann film festiwaly guralýar. Bäsleşige 46 film hödürlenip, şolardan 11-si esasy baýraga – festiwalyň «Gran-Pri» baýragyna mynasyp bolýar. Festiwalyň iň ýokary baýragy bolan «Palmanyň altyn şahajygy» 1955-nji ýyldan bäri berilýär. 1951-nji ýylda festiwalyň guramaçylary Kann film festiwalyny ýaz paslynda geçirip başlaýarlar.**




# Geçen aý 1 million elektroulag satdy

**Awgust aýynyň ahyrynda Hytaý dünýäde bir aýda 1 milliondan gowrak elektroulag satan ilkinji ýurt boldy. Hytaýyň ýeňil awtoulag birleşiginiň (CPCA) maglumatlaryna görä, geçen ýylyň awgust aýy bilen deňeşdirilende, bu ösüş 33 göterim boldy. Ýewropa Bileleşiginde we Beýik Britaniýada elektroulag satuwy 4 göterim azaldy. Pese gaçyşlygyň sebäbi Germaniýada subsidiýalaryň ýatyrylmagy we Ýewropa Bileleşiginiň hytaý elektroulaglary üçin söwda çäklendirmeleri boldy.**

**«Şol bir wagtyň özünde elektroulaglara bolan global isleg artmagyny dowam etdirýär» diýip, «Rho Motion» barlag kompaniýasy habar berýär. 2024-nji ýylyň başyndan bäri dünýäde 9,8 million elektroulag satyldy, awgust aýynda ýyllyk ösüş 20 göterime deň boldy. Elektroulaglary we gibridleri öz içine alýan ulag serişdeleriniň paýy Hytaýda ýolagçy awtoulaglarynyň umumy satuwynyň rekord derejede 53,5 göterimine ýetdi.**



**– Hytaýda elektroulaglara bolan isleg artmagyny dowam etdirýär. Bir aýda 1 million satylan elektroulag belliginden geçmek – bu diňe bir başlangyçdyr – diýip, «Rho Motion»-yň maglumatlar müdiri Çarlz Lester belleýär. 2024-nji ýylyň ahyryna çenli bu çäkden ýene-de birnäçe gezek geçilmegine garaşylýar, sebäbi satuwlar, adatça, ýylyň ikinji ýarymynda ýokarlanýar.**

# Dünýäniň iň gadymy HÜNÄRLERI

**Gadymy döwürlerde ýaşap geçen adamlar ýaşamak we goranmak üçin birnäçe hünärleri ýüze çykarypdyrlar. Awçylykdyr daýhançylykdan başlap, jemgyýetde birnäçe hünärler peýda bolupdyr. Bu hünärler wagtyň geçmegi bilen adamlaryň zähmet endiklerini kämilleşdirip, jemgyýetçilik ösüşini emele getiripdir. Köplenç ilkinji hünärler adamzadyň mesgen tutan ýeri bilen baglanyşykly döreýär. Geliň, adamzat jemgyýetinde ilkinji dörän hünärler bilen tanyş bolalyň!**

**Zähmet gurallarynyň ussasy.** Adamlar takmynan 2,6 million ýyl ozal daşdan dürli gurallary ýasap başlapdyrlar. Iň gadymy daş gurallara ot ýakmak üçin ulanylan çakmak daşlaryny, haýwanlary soýmak üçin ulanylan ýiti daş böleklerini mysal getirmek bolar. Zähmet gurallaryny ýasamak dünýäniň iň gadymy hünärleriniň biridir.

**Awçylyk.** Antropologlaryň 2012-nji ýylda ýüze çykaran subutnamalaryna görä, adamlaryň 2 million ýyl ozal awçylyk bilen meşgullanyp başlandyklary çaklanylýar. Ilkibaşda adamlar gaty ylgap bilmeýän jandarlary we balyk awlap başlapdyrlar.

**Hekaýat aýtmak.** Ilkinji adamlar dürli sesler we yşaratlar bilen düşünişen hem bolsalar, soňlugy bilen bir zady gürrüň bermek endigi ýüze çykýar. Diliň birnäçe adamyň takyk düşünişip biljek derejede ösüşi 200 müň ýyl ozal diýlip kesgitlenilýär. Adamlar daş-töwereginde gören zatlaryny, eşiden gürrüňlerini aýdyp başlapdyrlar. Hekaýat gürrüň bermek däbi asyrlar geçdigiçe has ösýär. Miladydan ozalky 3100-nji ýylda ýazuw diliniň ilkinji nusgalary peýda bolýar.

**Tikinçilik.** Antropologlaryň pikirine görä, iň gadymy adamlaryň 100 müň ýyl ozal haýwanlaryň derisinden tikilen geýimleri geýip başlandyklary bellenilýär. Ýapynja görnüşdäki ilkinji eşikleri tikmek üçin süňkden ýasalan temençeler, haýwanlaryň uzyn tüýi we kesiji gaýa daşlary ulanylypdyr. Iň gadymy iňňeler 41 müň ýyl ozal peýda bolupdyr.

**Suratkeşlik.** Gaýalara surat çekmek iň gadymy adamlaryň halaýan pişeleriniň biri bolupdyr. Ispaniýadan tapylan iň köne gowak suratlary adamlaryň 67 müň ýyl ozal bu hünär bilen meşgullanyp başlandyklaryna güwä geçýär. Gadymy sungat eserlerinde gündelik durmuş, adamlar we töwerekdäki haýwanlar şekillendirilipdir.

**Sazandaçylyk.** Aýdym-sazyň nirede, haçan dörändigini anyk aýtmak kyn. Alymlar saz çalmak hünäriniň 50 müň ýyl ozal dörändigini çaklap, ilkinji saz guralynyň adamyň öz sesi bolandygyny belleýärler. Iň gadymy saz gurallary Germaniýanyň çäklerinden tapylýar. Agaçdan, malyň şahyndan ýasalan tüýdükler, ýüzüne deri çekilen depler ilkinji saz gurallary hasaplanýar.



**Ekerançylyk.** Dünýäniň suwarymly ýerlerinde ýaşan adamlar ekerançylyk bilen meşgullanan ilkinji oturymly halklar hasaplanýar. Ilkibaşda miwe çöpläp, ösümlikdir däne ýygnap güzeranyny aýlan adamlar 12 müň ýyl ozal ekin ekip başlaýarlar. Gadymy Mesopotamiýa daýhançylygyň başlanan ýeri hasaplanýar. Miladydan öňki 9500-nji ýyllarda adamlar bugdaý, arpa, nohut, mekgejöwen, zygyr ýaly däneli ösümlikleri ekipdirler. Ilat sanynyň artmagy bilen ekerançylyk ýerleri we daýhanlar ýyl-ýyldan köpelipdir.

**Gurluşykçy.** Adamlar 10 müň ýyl ozal çarwa durmuşdan daşlaşyp, oturymly ýaşaýşa geçip ugrapdyrlar. Mesopotamiýada oba hojalygynyň ösmegi bilen ilkinji siwilizasiýalar bolan hemişelik ilatly nokatlar gurlup başlanypdyr. Ilkibaşda ýaşaýjylar tarapyndan ýönekeýje çatmalar, aýmançalar gurlan bolsa, soňlugy bilen jemgyýetde ussalar döräp, palçykdan jaýlar salnyp başlapdyr.



# Ýatkeşligi ösdürmegiň usullary

**Açaryňyzy ýatdan çykardyňyzmy? Satyn almaly zatlaryňyzyň sanawyny öýde galdyrdyňyzmy? Haýsydyr bir waka ýa-da biriniň ady ýadyňyza düşenokmy? Käwagt ýygy-ýygydan şeýle ýagdaýlar bilen ýüzbe-ýüz bolýarys. Bu ýatkeşligiň peselmegi bilen bagly bolup, bilermenler ýatkeşligi ösdürmegiň birnäçe usulyny hödürleýärler. Geliň, bu usullar bilen tanyş bolalyň!**

**Gündelik endiklere fiziki işjeňligi goşmak.** Fiziki işjeňlik gan aýlanyşyny kadalaşdyryp, dartgynlylygy azaldýar we bedeni kuwwatlandyrýar. Şeýlelikde, fiziki işjeňlik ýadyň güýçlenmegine kömek edýär. Hepdede azyndan 150 minut çalt ýöremek hem-de hepdede ortaça 75 minut ylgamak maslahat berilýär. Türgenleşmäge hiç hili wagtyňyz ýok bolsa, günüň dowamynda 10 minutlyk gezelenç edip bilersiňiz.

**Akyl taýdan işjeň bolmak.** Fiziki hereketiň bedeni kuwwatlandyrmaga kömek edişi ýaly, akyl taýdan işjeňlik beýnidäki amallaryň çaltlaşmagyna hem-de takyk pikirlenişe ýardam berýär. Krossword, tapmaçalary çözmek, saz çalmak, dil öwrenmek beýniniň işjeňligini artdyrýar. Bu, esasan hem, uly ýaşlylara degişli bolup, ýatkeşligiň kütelme howpuny azaldýar.



**Aragatnaşykda bolmak.** Jemgyýetçilik gatnaşygy göwnüçökgünligiň we sussupesligiň öňüni almaga kömek edýär. Ýakynlaryňyz, dostlaryňyz bilen ýygy-ýygydan görşüň! Çagalygyňyzy, gyzykly wakalary ýatlaň! Bu ýatkeşligiň ösmegine kömek eder.

**Bellik etmek.** Käte ünsüň bir zada gönükdirilmegi netijesinde etmeli işleriň, möhüm duşuşyklaryň we gitmeli ýerleriň ýatdan çykyp biler. Munuň üçin meýilleşdirýän işleriňizi ýörite depderçä, senenama ýa-da telefondaky ýatladyja belläp goýmaly. Ýatdan çykmagy mümkin bolan zatlary haýsydyr bir zat bilen baglanyşdyrmaly. Mysal üçin, sanlar bilen, reňkler bilen, aýdym bilen... Öýden çykmankaň ähli zadyň ýerbe-ýerdigine göz gezdirmeli. Munuň üçin aýnanyň ýa-da mebeliň burçuna ýatladyjy kagyzy hem ýelmäp bilersiňiz.

**Ukyňy doly almak.** Ýeterlik derejede ukyňy almagy endik etmeli. Bellemeklerine görä, adama her gün 7-9 sagat uky gerek. Uky ýatlamalaryňyzy berkitmekde, beýniniň täzelenmeginde möhüm orun eýeleýär.

**Sagdyn iýmitlenmek.** Sagdyn iýmit adam bedeni üçin örän zerurdyr. Miweleri, gök we däneli önümleri köpräk iýmeli. Iýmit sanawynda, esasan, balyk, noýba we guş eti ýaly beloga baý iýmitler bolmaly. Ýatkeşligiň ýitelmegi üçin içýän zatlaryňa hem uly üns bermeli.

**Özüňize ideg etmek.** Özüňize näçe gowy ideg etseňiz, ýadyňyzam şonça gowulaşar. Derman serişdeleriniň ýadyňyza oňaýsyz täsir edýändigini nazara alyp, tebigy melhemleri, dermanlyk otlaryndan demlenen çaý içseňiz has netijeli bolar. Mundan başga-da, işden soň kellä dynç bermek maksady bilen bally, limonly, narpyzly gök çaý içmek maslahat berilýär.

# Ýol hereketiniň täsin düzgünleri

**Ýol hereketiniň kadalary dünýäniň köp ýerinde meňzeş bolsa-da, käbir ýurtda ýol hereketiniň täsin düzgünlerine gabat gelmek bolýar. Bu ýurtlarda köpçüligi geň galdyrýan täsin düzgünleri bilmezden awtoulag sürüp bolmaýar. Geliň, ýol hereketiniň täsin düzgünleriniň käbiri bilen tanyş bolalyň!**

☑ Ýaponiýada hoşamaýlygyň alamaty hökmünde awtoulag sürüjilerine suw syçratmak gadagan edilýär. Bu ýurtda sürüjiler ygally günlerde pyýadalara palçyk ýa-da suw syçradyp geçip gitse, düzgüni bozandygy üçin kanuny ýagdaýda jerime salynýar.

☑ Tailandda ýol hereketiniň kadalaryna görä, sürüjiler üstüni doly örtýän eşik geýmezden, awtoulag, welosiped we ş.m. sürüp bilmeýärler.

☑ Filippinleriň paýtagty Manila şäherinde awtoulag belgisiniň soňy 1-lik ýa-da 2-lik bilen gutarýan bolsa, duşenbe güni şol ulagy sürüp bolmaýar.



☑ ABŞ-nyň Jorjiýa ştatynyň Mariette şäherinde gidip barýan awtoulagyň aýnasyndan tüýkürmek ýa-da bir zat oklamak gadagan edilýär.

☑ Alýaskada awtoulagyň nowasyna it daňmak gadagan edilýär.

☑ Oklahoma ştatynda awtoulag sürüjilerine gülküli hekaýalary okamak ýa-da komediýa görmek gadagan edilýär.

☑ Kolorado ştatynyň Denwer şäherinde ýekşenbe güni gara awtoulag sürmäge kanuny taýdan rugsat berilmeýär.

☑ Daniýada kanunda bellenmegine görä, ýola çykmazdan ozal awtoulagyň arkasyna ýa-da aşagyna gizlenen çaganyň ýokdugyna doly göz ýetirmeli.

☑ Kiprde awtoulag sürlende iýmek ýa-da içmek gadagan edilýär.

☑ Şweýsariýada ýekşenbe güni awtoulag ýuwup bolmaýar.

☑ Skandinaw ýurtlarynda kanuna görä, gyş paslynda sürüjilere awtoulagyň yşygyny öçürmek gadagan edilýär. Şol sebäpli «Volwo» awtoulaglarynyň köpüsiniň çyrasy hereketlendirijiden soň hem ýanyp durýar.

## ÇAGALAR

**400 ýyldan bäri ekilip gelinýän kartoşkanyň häzirki wagtda 4 müňden gowrak medeni görnüşi we 180-den gowrak ýabany görnüşi bar.**

# TEBIGATYŇ IŇ ULY WE IŇ ÝYNDAM GUŞY

**Daş-töweregimize ýa-da teleýaýlymda görkezilýän tebigat bilen bagly gepleşiklere tomaşa edenimizde Ýer ýüzünde dürli görnüşli guşlaryň ýaşaýandygyna göz ýetirýäris. Guşlaryň käbiri suwda, käbiri gury ýerde, käsi çölde, käsi bolsa dagda ýaşaýar. Olaryň köpüsi uçup bilýär, köpüsi iň ökde ýüzüjiler hasaplanýar. Ýer ýüzündäki iň täsin guşlaryň biri hem düýeguşdyr. Olaryň arasynda Afrika düýeguşy iň ulusy hasaplanýar. Bu üýtgeşik jandaryň boýunyň uzynlygy 2,5 metre, agramy 150 kilograma ýetýär. Emma bu guşlar uçup bilmeýär. Uçýan guşlaryň arasynda bolsa iň ulusy toklutaýdyr. Agramy 22 kilogram bolan bu guş o diýen uzak aralyga uçup bilmeýär. Mundan başga-da, bularyň arasynda agramy 11 kilogram bolan kondory we agramy 8 kilogram bolan albatrosy (deňiz guşy) agzamak bolýar.**



Afrika düýeguşy dünýäde iň uzyn we iň agyr guş bolmak bilen bir hatarda ýyndamlygy bilen hem tapawutlanýar. Bu guş «Straus» ady bilen belli bolup, grek dilinde «serçe-düýe» diýmegi aňladyp, köp halkda oňa düýeguş diýilýär. Düýeguş sagatda 50 kilometr, käbir halatlarda 70 kilometr tizlikde ylgap bilýär. Berk we ýasy iki barmakly bolan bu guşlar ylganlarynda ädimlerini 3,5-4 metre çenli açýarlar. Bedeniniň gurluşy düýelere meňzeýändigi sebäpli bulara düýeguş (latynça: «Struthio camelus») diýilýär. Bu guşlaryň düýelere meňzeş ýene bir aýratynlygy suwsuzlyga çydamlylygydyr. Afrika düýeguşy Afrikanyň gurak ýerlerinde ýaşaýar. Öňki döwürler Ýakyn Gündogarda hem ýaşan düýeguşlar soňky ýyllarda bu sebitde ep-esli azalypdyr. Afrika düýeguşy bu yklymyň ähli ýerinde duş gelýär. Somali, Efiopiýa we Demirgazyk Keniýada somali düýeguşlaryna («S. c. Molybdophanes»), yklymyň günorta-günbatarynda awstraliýa düýeguşlaryna («S. c. Australis»), demirgazygynda bolsa gyzyl bokurdakly masaý düýeguşlaryna («S. c. Massaicus») duş gelmek bolýar. Bu guşlar diňe aýaklarynyň berkligi bilen däl, eýsem, gür kirpikler bilen örtülen uly gözleri bilen hem geň galdyrýar.





Afrika düýeguşlary köpelmek möwsüminde 20-25 ýumurtga taşlap, 40-45 günläp basyrýarlar. Bu guşlaryň ýumurtgasynyň ululygy 15-21 santimetre, agramy 1,5-2 kilograma ýetýär. Düýeguşuň jüýjesi çalt ulalýar. Eýýäm 4 aýlykda bu guşlaryň agramy 18-19 kilograma ýetýär. Afrika düýeguşlary 60-70 ýyl töweregi ýaşaýarlar. Düýeguşuň ýelekleri bezeg üçin eşiklerde, zenanlaryň başgaplarynda hem-de saçlara timar bermekde ulanylýar. Bu guşlar eti we ýumurtgasy üçin ýörite fermalarda hem ýetişdirilýär.



**7 tapawudy tapyň!**



# Näme üçin topragyň reňki goňur?

**Ekerançylyk ýerlerinde, öri meýdanlarynda, adatça goňur ýa-da garamtyl-goňur topragy görýäris. Näme üçin toprak dünýäniň köp ýerinde şol bir reňkde? Näme üçin toprak asyrlarboýy reňkini üýtgetmedikä? Geliň, topragyň goňur reňkde bolmagynyň syrlary bilen tanyş bolalyň!**

Dünýäniň köp ýerinde toprak şol bir reňkde. Bu ýagdaý bize tebigatyň bolmaly kadasy ýaly bolup görünýär. Mysal üçin, asman gök, Gün sary, ýer goňur we ş.m. Aslynda topragyň goňur bolmagy galyndylardan galan uglerod bilen baglydyr. Adamlaryň ýaşaýan ýerleriniň köpüsinde, şonuň ýaly gury ýeriň köp böleginde suw we ösümlik bar. Janly-jandarlaryň ýaşamagy bes edip ýere garylmagy, ösümlikleriň, ot-çöpleriň gurap topraga goşulmagy bilen ýerde uglerod emele gelýär. Uglerodyň topraga garyşmagy bilen goňur reňk emele gelýär.

Topragyň goňur reňkde bolmagy şol ýeriň geografik taýdan ýerleşişine, beýikligine, temperaturasyna, suw üpjünçiligine we belok düzümlerine hem baglydyr. Şeýle hem toprak düzümindäki mineral we organik maddalara baglylykda gyzyl, agymtyl ýaşyl, gök we çal reňkde hem bolup biler. Mysal üçin, gyzyl we sary toprak köplenç çölde hem-de gurak howaly ýerlerde gabat gelýär. Sebäbi gyzyl we sary toprakda organik maddalar az bolup, köp mukdarda demir oksidi saklanýar.



Topragyň ýüzünde suwuň köp wagtlap saklanmagy howanyň ýere täsir edijiligini we okislenme ähtimallygyny peseldýär. Netijede, toprak çalymtyl reňke öwrülýär. Muňa şor ýerler mysal bolup biler.

Kalsit we glaukonit maddalary topraga aralaşanda ak ýa-da ýaşyl reňke öwrülýär. Ak ýa-da ýaşyl toprakly ýerlere janly-jandarlaryň ýaşamaýan we ösümlikleriň bitmeýän ýerinde duş gelmek bolýar.

Umuman, ýerde uglerodyň köpelmegi we azalmagy topragyň reňkine täsirini ýetirýär. Topragyň reňkini üýtgetmegi birnäçe ýyllaryň, hatda asyrlaryň dowamynda bolup geçýär.

**Näçe sany?**

Deňiz jandarlarynyň sanyny kesgitläň!



**Şekilli sudoku**

**Şekiller öýjükleriň içine ýerleşdirilende dikligine we keseligine biri-birine gabat gelmeli däl. Ýagny bir şekil iki gezek gaýtalanmaly däl.**



**Sanlary birleşdirip, şekili reňkläň!**



**Labirint**





# AŞGABADYŇ DOKMA TOPLUMY

**TÜRKMENISTANYŇ PREZIDENTI SERDAR BERDIMUHAMEDOWA**
**HORMATLY PREZIDENTIMIZ!**

Sizi doglan günüňiz mynasybetli ähli işgärlerimiziň adyndan tüýs ýürekden hem-de mähirli gutlaýarys!

**Hormatly Prezidentimiz!** Siziň: «Garaşsyzlyk ýyllarynda biziň halkymyzyň ýüreginde Watana bolan söýgi, onuň güýç-kuwwatyna we geljegine bolan ynam, gurmaga, döretmäge bolan höwes, depginli ösüşini üpjün etmek islegi pugta orun aldy. Biz beýik işlerimizi Watanymyza bolan söýgimiz bilen amala aşyrýarys. Gaýratly zähmetimiz bilen Watanymyzyň beýikligini has-da şöhratlandyrýarys» diýip bellemegiňiz halkymyzda aýdyň geljege beýik ynam döredýär. Siziň baştutanlygyňyzda ýurdumyzda senagat pudaklaryny ösdürmek, innowasion häsiýetli kärhanalaryň işini ýola goýmak, daşary ýurtlardan getirilýän harytlaryň ornuny tutýan we eksport ugurly önümleriň önümçiliklerini döretmek, oba hojalygyny özgertmek, dokma önümçiligini giňeltmek, ýurdumyzyň ähli sebitlerinde täze iş orunlaryny döretmek we ilatymyzy durmuş taýdan goramak boýunça toplumlaýyn işler ýerine ýetirilýär.

**Arkadagly Gahryman Serdarymyz!** Size berk jan saglyk, uzak ömür, türkmen halkynyň bagtyýarlygynyň, ýurdumyzyň gülläp ösmeginiň bähbidine alyp barýan işleriňizde uly üstünlikleri arzuw edýäris! Siziň berkarar Watanymyzy mundan beýläk-de gülledip ösdürmäge, ykdysady kuwwatyny artdyrmaga, mähriban halkymyzyň durmuş hal-ýagdaýyny has-da ýokarlandyrmaga gönükdirilen döwrebap özgertmeleriňiz, parahatçylyk, dostluk ýörelgelerine esaslanýan içeri we daşary syýasatyňyz, döretmek we gurmak başlangyçlaryňyz elmydama rowaçlyklara, üstünliklere beslensin!

**Size çuňňur hormat goýmak bilen,**

**Aşgabadyň Dokma Toplumynyň ýolbaşçylary we işgärleri.**

# «GAP – TÜRKMEN» ÝGPJ TÜRKMENBAŞY JINS TOPLUMY

**TÜRKMENISTANYŇ PREZIDENTI SERDAR BERDIMUHAMEDOWA**
**HORMATLY PREZIDENTIMIZ!**

Sizi doglan günüňiz bilen tüýs ýürekden hem-de mähirli gutlaýarys!

**Hormatly Prezidentimiz!**

Ýurdumyzda Siziň baştutanlygyňyzda dünýä döwletleri bilen dost-doganlyk gatnaşyklary ösdürilýär. Ählumumy parahatçylygyň, abadançylygyň, durnukly ösüşiň pugtalandyrylmagy üçin uly işler alnyp barylýar. Siziň täze taryhy döwrümizde yglan eden «Watan diňe halky bilen Watandyr! Döwlet diňe halky bilen döwletdir!» diýen baş ýörelgäňize laýyklykda, öňde goýlan belent maksatlar üstünlikli durmuşa geçirilýär. Ýurdumyzyň ykdysady kuwwaty has-da ýokarlanyp, ata Watanymyz dünýäde syýasy we ykdysady taýdan durnukly ösýän ýurt hökmünde ykrar edilýär.

**Sarpasy belent Prezidentimiz!**

Siziň baştutanlygyňyzda Garaşsyz, hemişelik Bitarap Türkmenistanyň döwlet we jemgyýetçilik durmuşynyň ähli ugurlarynda uly üstünlikler gazanylýar. Siziň döwlet Baştutanynyň wezipesinde çekýän ýadawsyz zähmetiňiziň netijesinde ýurdumyz hemmetaraplaýyn ösýär, ykdysadyýetiň ähli pudaklarynda giň gerimli işler alnyp barylýar. Bu gazanylýan üstünlikler, ýurdumyzyň halkara abraýynyň barha artmagy Siziň döwlet Baştutanynyň wezipesinde alyp barýan oňyn syýasatyňyzyň aýdyň beýanydyr. Goý, Siziň janyňyz sag, ömrüňiz uzak, işleriňiz rowaç bolsun!

**Size çuňňur hormat goýmak bilen,**

**Türkmenbaşy jins toplumynyň ýolbaşçylary we işgärleri.**

# «TIJEGLI HYZMAT» H. K.

**TÜRKMENISTANYŇ PREZIDENTI SERDAR BERDIMUHAMEDOWA**
**HORMATLY PREZIDENTIMIZ!**

Sizi doglan günüňiz mynasybetli ähli işgärlerimiziň adyndan tüýs ýürekden hem-de mähirli gutlaýarys!

**Arkadagly Gahryman Serdarymyz!**

Siziň taýsyz tagallalaryňyz netijesinde Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwründe Garaşsyz, hemişelik Bitarap Türkmenistan döwletimizi ähli ulgamlar boýunça sazlaşykly ösdürmäge, ýurdumyzyň ykdysady kuwwatyny artdyrmaga, bagtyýar türkmen halkynyň ýaşaýyş-durmuş derejesini yzygiderli ýokarlandyrmaga gönükdirilen iri möçberli döwlet maksatnamalary üstünlikli durmuşa geçirilýär. Siziň «Watan diňe halky bilen Watandyr! Döwlet diňe halky bilen döwletdir!» diýen parasatly ýörelgäňizden ugur alyp, agzybirlik bilen uly zähmet üstünliklerini gazanýan, seneleri şanly wakalara beslenýän merdana halkymyz bagtyýar geljege tarap ynamly gadam urýar.

**Sarpasy belent Prezidentimiz!**

Sizi doglan günüňiz mynasybetli ýene-de bir gezek tüýs ýürekden hem-de mähirli gutlaýarys! Size berk jan saglyk, uzak ömür, ata Watanymyzyň ösüşiniň bähbidine alyp barýan giň gerimli işleriňizde mundan beýläk hem üstünlikler arzuw edýäris!

**Size çuňňur hormat goýmak bilen,**

**«TIJEGLI HYZMAT» hususy kärhanasynyň işgäleriniň adyndan Baş direktory Akmyrat DURDYÝEW.**

# «ÇEPER GURLUŞYK» H. K.

**TÜRKMENISTANYŇ PREZIDENTI SERDAR BERDIMUHAMEDOWA**
**HORMATLY PREZIDENTIMIZ!**

Sizi doglan günüňiz bilen tüýs ýürekden hem-de mähirli gutlaýarys!

Siziň tagallalaryňyz bilen döwrebap özgertmelere, beýik ösüşlere beslenýän «Pähim-paýhas ummany Magtymguly Pyragy» ýylynyň toýly günlerinde türkmen halky uly ruhubelentlik bilen mukaddes Garaşsyzlygymyzyň şanly 33 ýyllyk toýuna barýar. Ýurt Garaşsyzlygynyň 33 ýyllyk baýramynyň öňüsyrasynda Birleşen Milletler Guramasynyň Nýu-Ýork şäherinde ýerleşýän ştab-kwartirasyndan hoş habar gelip gowuşdy. 6-njy sentýabrda BMG-niň Baş Assambleýasynyň 78-nji sessiýasynda Türkmenistanyň başlangyjy bilen hem-de Milletler Bileleşigine agza döwletleriň biragyzdan goldamagynda «Birleşen Milletler Guramasynyň oýunlary» atly Kararnama kabul edildi. Bu resminama dünýäniň 87 döwleti awtordaş bolup çykyş etdi. Bu bolsa ýurdumyzyň parahatçylyk söýüjilikli, dostlukly we hoşniýetli gatnaşyklara esaslanýan ýörelgelerini dabaralandyryp, ata Watanymyzyň daşary syýasy abraýyny has-da beýgeldýär.

Sizi doglan günüňiz mynasybetli ýene bir gezek tüýs ýürekden gutlaýarys. Siziň janyňyz sag, ömrüňiz uzak, işleriňiz rowaç bolsun!

**Size çuňňur hormat goýmak bilen,**

**«ÇEPER GURLUŞYK» hususy kärhanasynyň ýolbaşçylary we işgärleri.**

## «TÜRKMEN GURLUŞYK TEHNIKA SERWIS» H.J.
## «MERCEDES-BENZ» TÜRKMENISTANDAKY RESMI DILERI

**TÜRKMENISTANYŇ PREZIDENTI SERDAR BERDIMUHAMEDOWA**
**HORMATLY PREZIDENTIMIZ!**

Agzybir işgärlerimiziň adyndan Sizi doglan günüňiz mynasybetli tüýs ýürekden hem-de mähirli gutlaýarys!

Ýurdumyzda halkymyzyň ýaşaýyş-durmuş şertlerini gowulandyrmak, ata Watanymyzyň şan-şöhratyny has-da belende galdyrmak, berkarar döwletimizi dünýäniň iň ösen ýurtlarynyň hataryna goşmak ugrunda uly işler alnyp barylýar.

**Hormatly Prezidentimiz!** Siziň öňe süren «Watan diňe halky bilen Watandyr! Döwlet diňe halky bilen döwletdir!» diýen baş ýörelgäňiziň düýp özeninde halkymyzyň bagtyýarlygy hakyndaky çuňňur alada ýatyr. Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwründe ýurdumyz durmuşyň ähli ugrunda uly üstünliklere eýe bolýar.

**Arkadagly Gahryman Serdarymyz!** «Mercedes-Benz» kompaniýasynyň Türkmenistandaky resmi dileri bolan «Türkmen Gurluşyk Tehnika Serwis» hojalyk jemgyýetiniň işgärleri ýurdumyzda alnyp barylýan işleri tüýs ýürekden goldaýarlar. Olar şanly wakalara beslenýän üstümizdäki ýylda hem öňde goýlan belent maksatnamalary üstünlikli ýerine ýetirmek üçin joşgunly zähmet çekýärler.

**Sarpasy belent Prezidentimiz!** Sizi ýene bir gezek doglan günüňiz bilen tüýs ýürekden hem-de mähirli gutlaýarys! Size berk jan saglyk, uzak ömür, işleriňizde rowaçlyk arzuw edýäris!

**Size çuňňur hormat goýmak bilen,**

**«TÜRKMEN GURLUŞYK TEHNIKA SERWIS» H.J.**
**«MERCEDES-BENZ» TÜRKMENISTANDAKY RESMI DILERI**

## «MERTLIK RUHY» H.J.
## «HYUNDAI» TÜRKMENISTANDAKY RESMI DISTRIBÝUTORY

**TÜRKMENISTANYŇ PREZIDENTI SERDAR BERDIMUHAMEDOWA**
**HORMATLY PREZIDENTIMIZ!**

Sizi manyly ömrüňiziň şatlykly pursady bolan doglan günüňiz mynasybetli tüýs ýürekden hem-de mähirli gutlaýarys!

**Arkadagly Gahryman Serdarymyz!** Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwründe ykdysadyýetiň ähli pudagy boýunça uly ösüşler gazanylýar. Ýurdumyz sanlyja ýylyň içinde syýasatda, ykdysadyýetde, medeniýetde hem-de halkara hyzmatdaşlygynda uly üstünliklere eýe boldy. Türkmenistany dünýäniň ösen döwletleriniň birine öwürmek ugrunda alnyp barylýan tutumly işler türkmen döwletiniň dünýädäki abraý-mertebesini gün geçdigiçe belende göterýär.

**Sarpasy belent Prezidentimiz!** Siziň «Watan diňe halky bilen Watandyr! Döwlet diňe halky bilen döwletdir!» diýen baş ýörelgäňize laýyklykda ýurdumyzda adam hakyndaky alada elmydama üns merkezinde saklanylýar. Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwründe ýurdumyzyň milli kanunçylygyny kämilleşdirmek barada uly işler alnyp barylýar. Size halkymyzyň bagtyýar durmuşyny üpjün etmek boýunça alyp barýan işleriňizde uly rowaçlyklar arzuw edýäris!

**Hormatly Prezidentimiz!** Siziň janyňyzyň sag, ömrüňiziň uzak, mertebäňiziň hemişe belent bolmagyny arzuw edýäris!

**Size çuňňur hormat goýmak bilen,**

**«MERTLIK RUHY» H.J.**
**«HYUNDAI» TÜRKMENISTANDAKY RESMI DISTRIBÝUTORY**

MERTLIK RUHY HYUNDAI

## speedcast

**TÜRKMENISTANYŇ ÇUŇŇUR HORMATLANÝAN PREZIDENTI**
**SERDAR BERDIMUHAMEDOW!**

Sizi doglan günüňiz mynasybetli tüýs ýürekden gutlaýarys!

Size we bütin türkmen halkyna Türkmenistany gülledip ösdürmek ugrunda edýän işleriňizde üstünlik, uzak ömür we abadançylyk arzuw edýäris!

**Jim FROWNFELTER,**
**«Speedcast» kompaniýasynyň baş ýerine ýetiriji müdiri.**

**TO THE HONORABLE PRESIDENT OF TURKMENISTAN**
**SERDAR BERDIMUHAMEDOV!**

Congratulations and heartfelt wishes on His Excellency's birthday.

We wish good health, success and happiness in continuous work of taking Turkmenistan prosperity to Your and all the Turkmen people!

**Jim FROWNFELTER,**
**CEO «Speedcast».**

## «Garagum Ulag» H. J.

**TÜRKMENISTANYŇ PREZIDENTI SERDAR BERDIMUHAMEDOWA**
**HORMATLY PREZIDENTIMIZ!**

«Pähim-paýhas ummany Magtymguly Pyragy» ýylynda mukaddes Garaşsyzlygymyzyň 33 ýyllygynyň öň ýanynda Sizi doglan günüňiz mynasybetli ähli işgärlerimiziň adyndan tüýs ýürekden hem-de mähirli gutlaýarys!

Siziň taýsyz tagallalaryňyz netijesinde ýurdumyzda täzeçil özgertmeler üstünlikli durmuşa geçirilýär, Garaşsyz Türkmenistanda gysga taryhy döwürde ägirt uly işler amala aşyryldy.

**Hormatly Prezidentimiz!** Goý, Siziň janyňyz sag, ömrüňiz uzak, il-ýurt bähbitli, umumadamzat ähmiýetli tagallalaryňyz rowaç bolsun!

**Size çuňňur hormat goýmak bilen,**

**«GARAGUM ULAG» hojalyk jemgyýetiniň**
**ýolbaşçylary we işgärleri.**

## nowaeco

**TÜRKMENISTANYŇ PREZIDENTI SERDAR BERDIMUHAMEDOWA**
**HORMATLY PREZIDENTIMIZ!**

«Pähim-paýhas ummany Magtymguly Pyragy» ýylynda mukaddes Garaşsyzlygymyzyň 33 ýyllygynyň öň ýanynda Sizi doglan günüňiz mynasybetli tüýs ýürekden hem-de mähirli gutlaýarys!

**Hormatly Prezidentimiz!**

Size berk jan saglyk, uzak ömür, egsilmez güýç-gaýrat, halkymyzyň bagtyýarlygynyň hem-de rowaçlygynyň bähbidine durmuşa geçirýän giň gerimli maksatnamalaryňyzyň üstünliklere beslenmegini arzuw edýäris!

**Size çuňňur hormat goýmak bilen,**

**«TOPRAK» hojalyk jemgyýetiniň**
**ýolbaşçylary we işgärleri.**

## «TÜRKMENHIMIÝA» DÖWLET KONSERNINIŇ
## «TÜRKMENTURBA» ZAWODY

**TÜRKMENISTANYŇ PREZIDENTI SERDAR BERDIMUHAMEDOWA**
**HORMATLY PREZIDENTIMIZ!**

Sizi doglan günüňiz mynasybetli tüýs ýürekden hem-de mähirli gutlaýarys!

Siziň baştutanlygyňyzda Garaşsyz Watanymyzyň ösüşiň ýoly bilen ynamly öňe barýandygy, halkymyzyň rowaçlygyny yzygiderli ýokarlandyrmak boýunça giň gerimli işleriň alnyp barylýandygy buýsanjymyzy goşalandyrýar. Ýurdumyz dünýä döwletleri bilen dost-doganlyk gatnaşyklaryny saklap, ähلumumy parahatçylygyň, abadançylygyň, durnukly ösüşiň pugtalandyrylmagyna saldamly goşant goşýar.

**Hormatly Prezidentimiz!** Size berk jan saglyk, uzak ömür, alyp barýan asylly işleriňizde mundan beýläk hem üstünlikler arzuw edýäris!

**Size çuňňur hormat goýmak bilen,**

**«TÜRKMENHIMIÝA» döwlet konserniniň**
**«TÜRKMENTURBA» zawodynyň**
**ýolbaşçylary we işgärleri.**

HYUNDAI ENGINEERING CO., LTD.

## TÜRKMENISTANYŇ ÇUŇŇUR HORMATLANÝAN PREZIDENTI SERDAR BERDIMUHAMEDOWA

**Çuňňur hormatlanýan jenap Prezident!**

Sizi doglan günüňiz mynasybetli tüýs ýürekden gutlaýarys! **«HYUNDAI ENGINEERING CO., LTD.»** kompaniýasynyň ähli işgärleriniň adyndan Size berk jan saglygyny, hemişelik Bitarap Türkmenistanyň gülläp ösmegi üçin alyp barýan işleriňizde uly üstünlikleri arzuw edýäris!

Siziň oýlanyşykly we öňdengörüjilikli syýasatyňyz türkmen döwletiniň hemmetaraplaýyn ösüşiniň hem-de halkara abraýynyň ygtybarly binýadyna öwrüldi. Türkmenistanda uly üstünlikler we zähmet ýeňişleri gazanylýar, ýokary depginli ösüşleri nazarlaýan giň gerimli durmuş-ykdysady özgertmeler durmuşa geçirilýär.

Sizi doglan günüňiz bilen ýene-de bir gezek tüýs ýürekden gutlaýarys! Size hem-de ähli türkmen halkyna abadançylyk we gülläp ösüş arzuw edýäris!

**Size çuňňur hormat goýmak bilen,**

**«HYUNDAI ENGINEERING CO., LTD.» kompaniýasynyň ýolbaşçylary we işgärleri.**

## ЕГО ПРЕВОСХОДИТЕЛЬСТВУ, ПРЕЗИДЕНТУ ТУРКМЕНИСТАНА СЕРДАРУ БЕРДЫМУХАМЕДОВУ

**Глубокоуважаемый господин Президент!**

Сердечно поздравляем Вас с днем рождения! От имени всего коллектива **«HYUNDAI ENGINEERING CO., LTD.»** желаем Вам наикрепчайшего здоровья, новых успехов на Вашем светлом пути, еще больших свершений на благо Нейтрального Туркменистана и всего туркменского народа.

Ваша взвешенная и дальновидная политика стала надежной платформой для всестороннего развития государства и его растущего международного авторитета. В Туркменистане, добивающемся успехов и трудовых побед, планомерно осуществляются широкомасштабные социально-экономические преобразования, обуславливающие его динамичное развитие.

Еще раз от всего сердца поздравляем Вас с днем рождения и желаем Вам и всему туркменскому народу благополучия и процветания!

**С глубоким уважением,**

**Руководство и сотрудники компании «HYUNDAI ENGINEERING CO., LTD.»**

HUAWEI

## TÜRKMENISTANYŇ ÇUŇŇUR HORMATLANÝAN PREZIDENTI SERDAR BERDIMUHAMEDOWA

**Çuňňur hormatlanýan jenap Prezident!**

Sizi türkmen halkynyň ajaýyp toý-baýramyna öwrülen şanly sene – doglan günüňiz mynasybetli tüýs ýürekden hem-de mähirli gutlaýarys!

Türkmenistan sazlaşykly ösüşiň we rowaçlygyň ýoly bilen ynamly öňe barýar, dünýä ýüzündäki abraý-mertebesini barha berkidýär.

Sizi şanly sene – doglan günüňiz mynasybetli ýene-de bir gezek tüýs ýürekden mähirli gutlaýarys! Siziň janyňyz sag, ömrüňiz uzak, mertebäňiz has-da belent bolsun! Size türkmen halkynyň nurana geljeginiň bähbidine amala aşyrýan beýik we tutumly işleriňizde rowaçlyklary arzuw edýäris!

**Iň gowy arzuwlar bilen,**

**«HUAWEI TECH. INVESTMENT CO., LTD» kompaniýasynyň Türkmenistandaky wekilligi.**

## ЕГО ПРЕВОСХОДИТЕЛЬСТВУ, ПРЕЗИДЕНТУ ТУРКМЕНИСТАНА СЕРДАРУ БЕРДЫМУХАМЕДОВУ

**Глубокоуважаемый господин Президент!**

Сердечно поздравляем Вас со ставшим для всего народа страны знаменательным праздничным событием – днем рождения!

Туркменистан уверенно идет по пути динамичного развития и процветания, активно укрепляет свой авторитет в мире.

Еще раз сердечно поздравляем Вас с замечательным событием – днем Вашего рождения! Желаем Вам доброго здоровья, долголетия и новых больших успехов в Вашей грандиозной деятельности во имя светлого будущего мужественного народа страны!

**С наилучшими пожеланиями,**

**Представительство компании «HUAWEI TECH. INVESTMENT CO., LTD» в Туркменистане.**

BOUYGUES TURKMEN

## ONUŇ ALYHEZRETI, TÜRKMENISTANYŇ PREZIDENTI JENAP SERDAR GURBANGULYÝEWIÇ BERDIMUHAMEDOWA

**Çuňňur hormatlanýan Jenap Prezident!**

Sizi doglan günüňiz bilen tüýs ýürekden gutlaýarys!

«Bouygues Turkmen» şereketiniň ýolbaşçylarynyň we ähli işgärleriniň adyndan doglan günüňiz mynasybetli tüýs ýürekden gutlaglarymyzy kabul ediň. Size berk jan saglyk we ähli türkmen halkyna abadançylyk arzuw edýäris!

Siz döwlet Baştutany wezipesinde işlän gysga döwrüňizde, özüňiziň taryhy wezipäňizi anyk bilýän öňdengörüji we gujurly lider hökmünde tanalyp, Türkmenistanyň halkyny täze ajaýyp üstünliklere we rowaçlyklara alyp barýarsyňyz.

Häzirki wagtda Türkmenistan ykdysadyýeti güýçli we ykdysady taýdan durnukly bolan iň çalt ösýän ýurtlaryň biridir. Ýurtda ylmy, medeni we bilim gurşawy gülläp ösýär, döwlet gurluşynyň ähli ugurlarynda möhüm görkezijiler gazanylýar.

Sizi doglan günüňiz bilen ýene-de bir gezek gutlaýarys!

Goý, Siziň baştutanlygyňyzda her bir gün täze üstünliklere we uly rowaçlyklara beslensin, Türkmenistan we onuň halky bolsa, özüniň döredijilik ýoluny ösüşiň we abadançylygyň täze belentliklerine tarap dowam etdirsin.

**Çuňňur hormatlanýan jenap Prezident, biziň hoşniýetli arzuwlarymyzy hem-de Size çuňňur hormat goýýandygymyz baradaky ynandyrmalarymyzy kabul ediň.**

***«BUIG TÜRKMEN» şereketiniň ýolbaşçylary we işgärleri***

## ЕГО ПРЕВОСХОДИТЕЛЬСТВУ, ПРЕЗИДЕНТУ ТУРКМЕНИСТАНА ГОСПОДИНУ СЕРДАРУ ГУРБАНГУЛЫЕВИЧУ БЕРДЫМУХАМЕДОВУ

**Глубокоуважаемый Господин Президент!**

Сердечно поздравляем Вас с днём Вашего рождения!

От имени руководства и всех сотрудников компании Буиг Туркмен примите наши самые наилучшие, искренние поздравления по случаю Вашего дня рождения, а также пожелания наикрепчайшего здоровья Вам и благополучия всему туркменскому народу.

За короткий срок пребывания на посту главы государства Вы показали себя дальновидным и энергичным лидером, ясно осознающим свою историческую миссию - вести народ Туркменистана к новым выдающимся достижениям и успехам.

Сегодня Туркменистан является одной из самых быстрорастущих стран с сильной экономикой и стабильным социальным сектором. В стране процветает научная, культурная и образовательная среда, а также достигнуты значительные показатели во всех областях государственного строительства.

Позвольте еще раз поздравить Вас с днём Вашего рождения!

Пусть каждый день будет ознаменован для Вас новыми достижениями и большими успехами, а Туркменистан и его народ продолжат свой созидательный путь к новым вершинам прогресса и процветания.

**Соблаговолите принять, Глубокоуважаемый Господин Президент, заверения в нашем самом высоком уважении и почтении.**

***Руководство и сотрудники компании «BOUYGUES TURKMEN»***